# DEMOKRATIÝA WE HUKUK
# DEMOCRACY AND LAW
# ДЕМОКРАТИЯ И ПРАВО

**4**

**AŞGABAT**
**ASHGABAT**
**АШХАБАД**
**2019**



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**

# SANLY YKDYSADYÝETDE INNOWASION ÖSÜŞ WE INTELLEKTUAL EÝEÇILIGIŇ GORAGY

**Gahryman ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň başlygy*
**Arslan MÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň uly ylmy işgäri*

2019-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibine döwletiň içeri we daşary syýasatynyň, ýurdumyzy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipeleri girizildi. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryna sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça wezipeleriň çözgüdini tapmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, ýurdumyzyň ykdysadyýetine sanly ulgamyň ornaşdyrylmagyna döwletimiziň durnukly ösüşiniň möhüm esasy hökmünde garalmalydyr, döwlet dolandyryş ulgamyny, ykdysadyýeti, tutuş jemgyýeti ösdürmek üçin binýatlyk esas hökmünde baha berilmelidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda halk hojalygynyň ähli ulgamlaryny sanlaşdyrmak, ylmy işläp taýýarlamalary önümçilige ornaşdyrmak boýunça geçirilýän maksatnamalaýyn çäreler pudaklaryň işini döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Ykdysadyýetiň ähli ulgamlarynyň ösüşi bolsa sanly tehnologiýalara esaslanýar. Olar pudaklar we eýeçiligiň görnüşleri boýunça ykdysadyýetiň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegini, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän möçberini artdyrmagy, innowasion senagatlaşdyrmagy we sanlaşdyrmagy üpjün edýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda ähli ulgamlarda uly üstünlikler gazanyldy. Häzirki döwürde ýurdumyzyň milli ykdysadyýeti ösdürmek babatdaky görkezijileri ýokarydyr. Bu üstünlikler hormatly Prezidentimiziň oýlanyşykly syýasatynyň netijesi bolup durýar. Ykdysadyýetde bolup geçýän hil özgerişlikleriň möhüm aýratynlygy hyzmatlar ulgamynyň batly depginler bilen ösmegi, ykdysadyýet üçin düýbünden täze hyzmat ediş pudaklary, döwrebap bank ulgamy, audit, ätiýaçlandyryş, lizing, konsalting, öýjükli aragatnaşyk hyzmatlary, wideoaragatnaşyk, internet ýaly ugurlaryň peýda bolmagy we ş.m. bilen baglydyr.

Mälim bolşy ýaly, döwleti durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň konsepsiýasynda ylym-nazaryýet bilimlerine we baý iş tejribesine esaslanan sanly ykdysadyýete uly orun berilýär. Döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda ösen jemgyýeti kemala getirmek hem-de döwletiň sütünlerini has-da berkitmek boýunça wezipeler üstünlikli çözülýär, her bir raýatyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertler döredilýär. 2019-njy ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda geçirilen maslahatda ýurdumyzyň

durmuş-ykdysady ösüşini mundan beýläk-de çaltlandyrmak, öňdebaryjy tehnologiýalar, innowasiýalar hem-de ylmyň gazananlary esasynda ykdysadyýeti ösdürmekde ylmyň tutýan ornuny ýokarlandyrmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiz “Türkmenistanda ylmy-barlag işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak hakynda” Karara gol çekdi. Ähli täze ylmy gazanylanlar we sungat eserleri, öz nobatynda, döredijilikli zähmetiň netijeleri hem-de intellektual eýeçiligiň obýektleri bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy” ýurdumyzyň innowasion ösüşe ygrarlydygynyň aýdyň mysallarynyň biridir. Bu Konsepsiýa milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, ykdysadyýeti sanlaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetirmäge, elektron senagatyny ösdürmäge, adamyň aň-bilim maýasyna, işewürlige we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmäge, innowasion, ýokary tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýetiň depginli ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir.

Sanly ykdysadyýetiň ösmegi bilen intellektual eýeçiligi dolandyrmagyň netijeli ulgamyny, kommersiýalaşdyrmagyň döwrebap gurallaryny we ony goramagyň usullaryny döretmegiň wajyplygy artyp başlaýar. Intellektual kuwwatyň kommersiýalaşdyrylmagy dikeldilýän intellektual serişdeleri ulanýan ykdysadyýetiň ýokary girdejili bölegi üçin zerur şertleri üpjün edýär. Şeýle ulgamyň döredilmegi intellektual eýeçiligiň bazaryny döretmäge hem-de kanunçylygy sanly ykdysadyýetiň talaplaryna uýgunlaşdyrmaga mümkinçilik berer.

Häzirki wagtda intellektual, döredijilik işi işiň dürli çygyrlarynda has uly ähmiýete eýe bolýar. Öndürilýän önümleriň ylmy talap edijiligi hem-de tehniki işläp taýýarlamalaryň gymmaty yzygiderli ýokarlanýar. Şeýle şertlerde bazar üstünligi täze bilimlere esaslanýar, intellektual eýeçiligiň ykdysady ösüşde eýeleýän orny has möhüm bolup durýar, sebäbi ol her bir döwletiň ösüşiniň strategik serişdeleriniň biri hökmünde çykyş edýär. Öňde goýlan wezipeleri çözmekde gazanyljak üstünlik jemgyýetiň intellektual kuwwatyna we medeni ösüşine bagly bolýar.

Ýaş nesli terbiýelemek, ýaşlaryň intellektual kuwwatyny herekete getirmek okgunly ösüşiň esasy şertleriniň biridir. Bu kuwwaty artdyrmak üçin diňe bir adam faktorynyň, intellektual mümkinçilikleriň ösüşiniň tehniki we tehnologik derejeleriniň bolmagy bilen çäklenilmän, eýsem, zerur bolan hukuk şertleriniň döredilmegi-de derwaýys bolup durýar.

Intellektual eýeçiligi babatda konstitusion kadalary we halkara konwensiýalarynyň düzgünlerini amala aşyrmak bu ugurdaky kanunçylygyň esasy maksadydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 15-nji maddasyna laýyklykda, döwlet ylmy, tehniki we çeper döredijiligi, onuň oňyn netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýär. Esasy Kanumyzyň 16-njy maddasy döwletiň ylmy-tehniki syýasatynyň jemgyýetiň we her bir adamyň bähbitlerine ýöredilýändigini belleýär. Döwlet ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna ýardam edýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda ylym, tehnika we

innowasion ösüş babatda ýakyn ýyllar üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlendi. Olaryň üstünlikli çözülmegi bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmäge ýardam eder.

Konstitusiýanyň 56-njy maddasy her bir adamyň medeni durmuşa gatnaşmaga, çeper, ylmy we tehniki döredijiligiň erkinligine hukugyny kepillendirýär. Adamyň ylmy, tehniki döredijilikde, şeýle hem çeperçilik, edebiýat we medeniýet işinde awtorlyk hukuklary hem-de bähbitleri kanun bilen goralýar. Döwlet ylmyň, medeniýetiň, sungatyň, halk döredijiliginiň, sportuň we syýahatçylygyň ösmegine ýardam edýär. Şu kadadan ugur almak bilen, döwlet, birinjiden, adamyň we raýatyň medeni hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmak mümkinçiligini bellemek we üpjün etmek, ikinjiden, intellektual eýeçilige bolan hukuklaryň eýesiniň bähbitlerini goramak borçlaryny öz üstüne alýar.

Konstitusion kadalaryň mazmunynyň seljerilmegi intellektual eýeçiligiň düýp manysyna giň çemeleşmäniň bardygy hakyndaky netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Olar Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň hem-de Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara paktynyň düzgünleri bilen utgaşýar.

Türkmenistan Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasyny (IEBG) esaslandyrýan Halkara konwensiýa, Edebiýat we çeper eserleri goramak baradaky Bern konwensiýasy, Senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž konwensiýasy ýaly esasy halkara konwensiýalaryna gatnaşyjy, şeýle hem IEBG-niň agzasy bolup durýar.

1993-nji ýylda Intellektual eýeçiligiň milli ulgamynyň döredilen ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistanyň hem-de IEBG-niň arasynda intellektual eýeçiligiň obýektlerini goramak we peýdalanmak babatda ýakyn hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Türkmenistan milli kanunçylygyna halkara kadalaryny ornaşdyryp, intellektual eýeçiligi babatda kadalaşdyryjy-kanunçylyk binýadyny işjeň kämilleşdirýär.

Intellektual eýeçiligi hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanyp, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň kadalaryndan hem-de ýörite kanunlardan ybarat bolup durýar. Bu ugurda halkara gatnaşyklaryny ýola goýmaga we ösdürmäge ýardam edýän hukuk binýady döredildi. Halkara kadalaryny we düzgünlerini nazara almak bilen, “Haryt nyşanlary hakynda” hem-de “Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda” Türkmenistanyň kanunlary işlenip taýýarlanyldy. Bu kanunlaryň 2019-njy ýylyň 8-nji iýunynda kabul edilmegi intellektual eýeçiligi goramak babatda döwletiň nobatdaky möhüm ädimi boldy.

Şeýlelikde, döwlet hem, harydy öndüriji hem, alyjy hem hukuklary goramak hem-de haryt nyşanlaryny we harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlaryny peýdalanmak çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagyna gyzyklanma bildirýärler.

Haryt nyşany adamlaryň öz harydyna mahsus bolan belligi ýazmak arkaly ony meňzeş harytlaryň içinden tapawutlandyrmak üçin oýlap tapan usuly bolup, bazar gatnaşyklarynyň ösüşiniň ýokary basgançaklarynda onuň zerurlygy ýiti ýüze çykdy.

Aýrybaşgalaşdyrmagyň serişdeleri hökmünde haryt nyşanlarynyň köpasyrlyk taryhy bar, emma ilkinji haryt nyşanlarynyň peýda bolan senesini anyk gör-

kezmek mümkin däl. Alymlaryň tassyklaýşy ýaly, biziň eýýamymyza çenli takmynan 5000 ýyl mundan öň şol döwür üçin uly mukdarda toýundan gap-gaçlaryň önümçiligi we satuwy başlanýar. Hut şol gaplarda hem häzirki haryt nyşanlaryna degişli edip boljak bellikler peýda bolupdyr. Amulyň hem-de gadymy Farapdaky Bitikgalanyň senetçileri öz önümlerini aýratyn nyşanlar bilen belläpdirler. Merwiň, Sarahsyň, Abiwerdiň, Nusaýyň, Şähryslamyň, Parawyň, Dehistanyň, Köneürgenjiň ussat senetçileriniň taýýarlan önümleri Amulyň meşhur bazarlarynda satylypdyr hem-de dünýäniň çar ýanyna ýaýrapdyr.

Harytlary we hyzmatlary aýrybaşgalaşdyrmagyň serişdesi hökmünde haryt nyşanynyň döreýiş taryhyny öwrenmek bilen, haryt nyşanynyň önüm öndürijini barabar etmegiň, şol önümi beýlekilerden tapawutlandyrmagyň esasy wezipesini ýerine ýetirip, önüm öndürijini we sarp edijini galplykdan goraýar diýen netijä gelmek bolýar.

Döwrüň talaplary bilen baglylykda, "haryt nyşanyny peýdalanmak" düşünjesini giňeltmek meýli aýdyň görünýär. Häzirki wagtda haryt nyşany mahabatda, metbugat neşirlerinde, diwarlyklarda, sergilerde we ýarmarkalarda, şeýle hem Internet torunda ulanylýar.

Haryt nyşanlarynyň agramly bölegi ýaňy-ýakynda hem sözler, şekiller, utgaşdyrylan belgiler bilen aňladylypdy. Emma bazar gatnaşyklarynyň innowasion prosesler bilen şertlendirilen ýokary ösüş depginleri täze haryt nyşanlarynyň peýda bolmagyna getirdi: harytlaryň göwrüm (mysal üçin, çüýşe ýa-da atyrlar üçin gaplar görnüşinde), golografik, pozision, reňkler bilen aňladylmagy. Şunuň bilen baglylykda, kodda jemlenen maglumaty okaýan smartfon arkaly aňsatlyk bilen kesgitlenýän kodlaşdyrylan sözi, sözlemi, harplaryň we sanlaryň toplumyny öz içine alýan köpburçluklar ýygyndysy görnüşindäki şekilleri ýa-da Internet goruna salgylanmany göz öňünde tutýan kodlaşdyrylan harytlyk nyşanyny (QR-kod) bellemek gerek. Şeýle hem QR-kod harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň söwdasy geçirilýän ýerlerde tölegleri amala aşyrmak üçin ulanylýar. Mysal üçin, alyjy ýörite ykjam goşundysynyň we smartfonyň kömegi bilen söwda nokadynda ýerleşdirilen QR-kodyň şekilini skanirleýär, tölegiň mukdaryny girizýär we saýlanan hereketi tassyklaýar. Degişli amaldan soň alyjy we satyjy serişdäniň hasapdan aýrylandygy ýa-da geçirilendigi barada SMS habaryny alýarlar.

Bazaryň we döwrebap tehnologiýalaryň pajarlap ösmegi diňe bir öndürilýän önümiň üýtgemegine däl-de, eýsem, haryt nyşanlarynyň täze görnüşleriniň peýda bolmagyna hem düýpli täsirini ýetirýär. Bu bolsa, sanly ykdysadyýetiň maglumat, taglym we innowasiýa akymlarynyň yzygiderli güýçlenmegi bilen häsiýetlenýändigini aňladýar. Wirtual harytlaryň: elektron kitaplaryň, goşundylaryň, onlaýn-oýunlaryň, saz eserleriniň we beýlekileriň bada-bat alyşmasy bolup geçýär. Elektron söwdanyň ösmegi bilen, täze haryt nyşanlarynyň we intellektual eýeçiliginiň beýleki obýektleriniň peýda bolmak tizligi ýokarlanýar.

Milli intellektual eýeçiligi goraýyş ulgamyny dünýä ölçeglerine laýyklykda guramak, ylmyň, medeniýetiň, tehnikanyň gazananlaryny döwletiň we jemgyýetiň ösüşine ornaşdyrmaga ýardam etmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2015-2020-nji ýyllar

üçin Maksatnamasyny tassyklady. Resminama intellektual eýeçiligiň milli ulgamyny döretmek hem-de ony halkara derejesine çykarmak, işläp taýýarlamalaryň, açyşlaryň we innowasiýalaryň hukuk taýdan goralmagyny üpjün etmek, olary ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna giňden ornaşdyrmak boýunça çäreleriň toplumyny öz içine alýar. Şeýle hem milli intellektual eýeçiligiň bir bitewi maglumat binýadyny döretmek göz öňünde tutulýar.

Intellektual eýeçiligi goramak ýurduň dünýäde eýeleýän ornuny kesgitleýän möhüm şertleriň birine öwrülýär. Bu goragyň ygtybarly derejesi ylmy barlaglaryň geçirilmegini, medeniýetiň, edebiýatyň we sungatyň ösmegini, ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň iş ýüzünde ulanylmagyny, halkara alyşmalaryny höweslendirýär. Intellektual eýeçiligi goramak barada kanunlaryň we döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijeli ylym, bilim we innowasiýa işleriniň bitewüligini üpjün edýär.

Umuman, intellektual eýeçiligi goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy ýokary depginlerde ösýär hem-de intellektual we ylmy işiň netijelerini goramagyň has kabul ederlikli görnüşini saýlamaga, intellektual eýeçiligi peýdalanmakdan goşmaça girdejini almaga, içerki we daşarky bazarlarda onuň hukuk eýeleriniň durnukly orun eýelemeklerini üpjün etmäge, intellektual eýeçiligiň obýektlerine bolan hukuklary goramaga mümkinçilik berýär. Sanly ykdysadyýet şertlerinde intellektual eýeçilik girdeji almagyň esasy guralyna öwrülýär, onda intellektual eýeçiligiň obýektlerini maglumatlar arkaly ilerletmegiň täze usullary peýda bolýar.

**EDEBIÝAT**


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II kitap. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018 ý.
2. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda geçirilen maslahatda eden çykyşy // “Türkmenistan” gazeti. 2019-njy ýylyň 13-nji iýuny.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi // “Türkmenistan” gazeti. 2019-njy ýylyň 26-njy sentýabry.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016 ý.
5. Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2015 ý., № 8, 3765-nji madda.
6. Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2018 ý., № 10-11-12, 929-njy madda.

# TÜRKMENISTAN – ÝHHG: YNSANPERWER ULGAMDA HYZMATDAŞLYK

**Ilçi Natalýa DROZD,**
*ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkeziniň Başlygy*

2019-njy ýylda ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkezi özüniň 20 ýyllygyny belledi. ÝHHG-niň Merkeziniň işiniň 20 ýyllygy mynasybetli aprel aýynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen ýakyndan hyzmatdaşlykda "ÝHHG-niň hepdeligi" guraldy. Onuň çäklerinde bu şanly waka bagyşlanan halkara maslahat geçirildi. Baýramçylyk çärelerine ÝHHG-niň Baş sekretary Tomas Greminger gatnaşdy.

Türkmenistana bolan saparynyň barşynda ÝHHG-niň Baş sekretary Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, şeýle hem Türkmenistanyň daşary işler ministri we Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy bilen duşuşdy. Duşuşyklaryň barşynda hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Baş sekretar şanly sene mynasybetli geçirilen maslahatda eden çykyşynda ÝHHG-niň howpsuzlygynyň harby-syýasy, ykdysady-ekologiýa we ynsanperwer ölçegleriniň çäklerinde 20 ýylyň içinde ýerine ýetirilen bilelikdäki işlere ýokary baha berdi.

Mälim bolşy ýaly, howpsuzlygyň üç ölçegi ilkinji gezek 1975-nji ýylda 35 döwlet tarapyndan gol çekilen Helsinki jemleýji namasynda görkezilip, ilkibaşda helsinki "sebetleri" diýlip atlandyrylypdy. Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk maslahatynyň (ÝHHM) bu resminamasy harby-syýasy we ykdysady-ekologiýa çygyrlary, şeýle hem adam hukuklaryna degişli meseleler boýunça birnäçe möhüm borçnamalary öz içine alýar.

Helsinki jemleýji namasynyň döwletara gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypany açyp, içerki işlere goşulmazlyk ýörelgesi ýa-da çäk bitewüligine hormat goýmak ýörelgesi ýaly döwletara hukugynyň däbe öwrülen ýörelgeleri bilen bir hatarda, adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň goralmagyny halkara üns merkezinde goýan ilkinji resminama öwrülendigini bellemek gerek.

Şeýlelikde, ähli ugurlary öz içine alýan howpsuzlyk konsepsiýasynyň "adam (ynsanperwer) ölçegi" ilkibaşdan ÝHHM/ÝHHG-niň gün tertibinde merkezi orny eýeledi. Şeýle çemeleşmäniň esasynda adam hukuklaryna hormat goýmagyň we howpsuzlygyň üznüksiz özara baglanyşygy baradaky düşünje durýardy. Hakykatdan-da, adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň berjaý edilmegi, şeýle hem kanunyň hökmürowanlygy we demokratik ýörelgelere ygrarlylyk islendik ýurtda durnuklylygy saklamagyň hökmany şertleridir.

1989-njy ýylda "demir perdäniň" syrylmagy bilen bagly bolup geçen taryhy özgerişliklerden soň Gurama gatnaşyjy döwletler Helsinki jemleýji namasynyň esasynda kadalaryň we standartlaryň sanawyny işläp taýýarladylar. Onda adam hukuklaryna aýratyn üns berilýär. 1990-njy ýylda Kopengagende geçirilen Adam ölçegi boýunça ÝHHM-niň maslahatynda gatnaşyjy döwletler tutuş sebit üçin

hemmetaraplaýyn borçnamalary – adam hukuklary babatdaky işde gollanma bolup hyzmat edýän kanunlaryň özboluşly toplumyny kabul etmek hakynda ylalaşdylar.

Adam hukuklary babatda borçnamalaryň düýp mazmuny şu ýörelgelerde jemlenýär: adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny hormatlamak howpsuzlyk konsepsiýasynda esasy orny eýeleýär; döwletler raýatlarynyň hem-de beýleki döwletleriň öňünde şol hukuklaryň we azatlyklaryň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik çekýärler.

“Sowuk uruş” tamamlanandan soň bolup geçen wakalar 1990-njy ýyla çenli duşuşyklar we ýygnaklar görnüşinde hereket eden ÝHHM-ni özgertmek we institutlaşdyrmak zerurlygyny öňe çykardy. ÝHHM Ýewropadaky özgerişlikleri dolandyrmakda öz ornuny eýelemelidi. Munuň özi hemişelik institutlaryň we dessine mümkinçilikleriň döredilmegine getirdi. 1994-nji ýylda Budapeştde döwlet we hökümet baştutanlarynyň duşuşygy geçirilip, ÝHHM-ni Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG) diýip atlandyrmak hakynda çözgüt kabul edildi. Onuň düzümine häzirki wagtda 57 sany gatnaşyjy döwlet, şol sanda Türkmenistan girýär.

ÝHHG-niň işläp gelýän ýyllarynda dürli edaralar döredilip, olara daşary işler ministrleriniň sammitleri, her ýylky duşuşyklary, her hepdede Wenada mejlis geçirýän Hemişelik geňeş hem-de beýleki syýasy ýolbaşçylyk ediji we ýerine ýetiriji komitetler degişlidir.

Bulardan başga-da, hemişelik ýöriteleşdirilen institutlar döredilip, olar gatnaşyjy döwletlere ÝHHG-niň öňündäki borçnamalaryny ýerine ýetirmekde goldaw bermek maksady bilen işjeň hereket edýärler. Baýry institutlaryň biri bolan Demokratik institutlar we adam hukuklary baradaky býuro (DIAHB) 1991-nji ýyldan bäri Warşawada ýerleşýär. DIAHB ÝHHG-niň tutuş sebitinde saýlawlara gözegçilik etmek, demokratik ösüş, adam hukuklarynyň berjaý edilmegi, kanunyň hökmürowanlygy, çydamlylyk we hukuklary kemsitmezlik ýaly meselelere işjeň gatnaşýar.

Gaagada ÝHHG-niň Milli azlyklaryň işleri boýunça Ýokary komissarynyň edarasy ýerleşip, ol sebitde parahatçylyga we howpsuzlyga wehim salyp biljek milletara dartgynlylygy we dawalary irki döwründe ýüze çykarmak we kadalaşdyrmak wezipesini ýerine ýetirýär.

Wenada köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň erkinligi meseleleri boýunça ÝHHG-niň Wekiliniň Býurosy ýerleşip, ol KHBS babatdaky ýagdaýa gözegçilik etmek hem-de gatnaşyjy döwletlere KHBS-niň pikirini erkin beýan etmegi we erkinligi babatda borçnamalaryny ýerine ýetirmegine ýardam edýär.

ÝHHG-niň ýerlerdäki missiýalary Guramanyň düzüminde aýratyn orun eýeleýär. Olar degişli ýurtlaryň isleglerine kybap gelýän taslamalary amala aşyrmak arkaly kabul edýän taraplara üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmegine ýardam edýärler.

ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkezi 1999-njy ýylyň ýanwarynda öz işine başlady. Türkmenistanyň Hökümeti bilen ylalaşyk hakynda ähtnama laýyklykda Merkez ýurda ÝHHG-niň ýörelgelerini we borçnamalaryny ýerine ýetirmekde ýardam edýär.

Geçen döwrüň içinde Merkez howpsuzlygyň üç ölçeginiň, şol sanda ynsanperwer ölçegiň çäklerinde Türkmenistanyň Hökümeti bilen netijeli hyzmatdaş-

lygy ýola goýdy. Ynsanperwer ölçegdäki işler köpsanly ugurlary giňden gurşap alýar. Merkez Türkmenistana kanunyň hökmürowanlygy hem-de adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak, hukuk özgertmelerini geçirmek we saýlaw işini goldamak, gender deňligini we KHBS erkinligini ilerletmek, adam söwdasyna we öý zorlugyna garşy göreşmek, halkara hukuk standartlaryny penitensiar ulgama ornaşdyrmak, hukuk bilimi we raýat jemgyýetini ösdürmek ýaly ugurlarda ýardam edýär.

Merkez taslamalary amala aşyrmagyň barşynda döwlet edaralary, ugurdaş ministrlikler, pudak edaralary, ylmy-barlag institutlary we ýokary okuw mekdepleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklaýar. Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty bilen uzakmöhletleýin hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Institut döwleti, milli kanunçylygy we demokratiýany öwrenmek babatda ylmy-barlag işlerini geçirýär hem-de özüniň bilermen mümkinçilikleri bilen bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylmagyna uly goşant goşýar.

Şeýle hem Merkez Adalatçynyň diwany bilen netijeli hyzmatdaşlyk saklaýar. Onuň döredilmegi Türkmenistanda demokratik esaslary berkitmegiň ýolunda täze tapgyry alamatlandyrdy. ÝHHG milli hukuk goraýjy institutlara adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormat goýmagy üpjün etmek boýunça geçirilýän işde esasy hyzmatdaşlar hökmünde garaýar. Türkmenistanyň ilkinji Adalatçysy saýlanandan soň ÝHHG-niň Merkezi Gurama gatnaşyjy ýurtlarda şeýle institutlary döretmek we işletmek tejribesini alyşmak boýunça taslamanyň başyny başlady. 2019-njy ýylyň noýabrynda ÝHHG-niň demokratik institutlary we adam hukuklary boýunça Býurosy bilen bilelikde okuw maslahaty geçirilip, onuň maksady Adalatçynyň diwany bilen Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralarynyň arasynda adam hukuklaryny goramak babatda hyzmatdaşlygy berkitmekden ybarat boldy.

Merkeziň ynsanperwer ulgamdaky işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda Türkmenistanda adam hukuklary boýunça 2016-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasyny, şol sanda milli azlyklaryň hukuklary we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň erkinligi ýaly meseleler boýunça işleri ýerine ýetirmäge ýardam etmek uly orun eýeleýär. ÝHHG-niň Milli azlyklaryň işleri boýunça Ýokary komissary jenap Lamberto Zanýeriň 2018-nji ýylda Türkmenistana amala aşyran sapary milli azlyklar boýunça hyzmatdaşlyga täze itergi berdi. Saparyň dowamynda jenap Zanýer Türkmenistanyň Prezidenti hem-de esasy ministrlikleriň we pudak edaralaryň ýolbaşçylary bilen duşuşdy, şeýle hem dürli jemgyýetleriň goşulyşmagy bilen bagly Lýublýan maslahatlary boýunça "tegelek stoluň" başynda geçirilen çekişmä gatnaşdy. Merkez 2019-njy ýylda Milli azlyklaryň işleri boýunça Ýokary komissaryň Býurosy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde milli azlyklaryň wekilleri bilen geňeşmeleriň guralyny tanyşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň wekilleri üçin Litwa okuw saparyny gurady. Onuň döredilmegi agzalan Meýilnamada göz öňüne tutuldy.

ÝHHG-niň ynsanperwerlik "sebedinde" köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ösdürilmegine hem-de KHBS-niň erkinliginiň ilerledilmegine möhüm orun berilýär, çünki bu ugurlar hem ÝHHG-niň howpsuzlyk konsepsiýasynyň esasy düzüjileri bolup durýar. ÝHHG-niň Türk-

menistana bu ugurda yzygiderli ýardam edýän ýeke-täk halkara Guramadygyny bellemek gerek. Merkez KHBS hakynda kanunlaryň birnäçesini, şol sanda "Telewideniýe we radiogepleşikler hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny işläp taýýarlamakda bilermen goldawyny berdi. Soňky iki ýylyň dowamynda Merkez Türkmenistanyň Prezidentiniň teleýaýlymlary döwlet býujetinden maliýeleşdirmegi tapgyrlaýyn bes etmek hakyndaky Kararyny ýerine ýetirmäge ýardam edýär. Mundan başga-da, sanly asyryň talaplaryny nazara almak bilen, žurnalistleriň bilimi we hünär derejesini ýokarlandyrmak meseleleri boýunça uly işler geçirilýär.

ÝHHG köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň erkinligi hem-de söz azatlygy baradaky düzgünleriň birnäçesiniň, şol sanda žurnalistleriň hukuklary we borçlary hem-de žurnalistika fakultetleri üçin söz azatlygy boýunça moduly işläp taýýarlamak boýunça türgenleşik okuwlarynyň Hereketleriň milli meýilnamasyna goşulmagyny goldady. Şol düzgünleri ýerine ýetirmekde ýardam etmegiň çäklerinde žurnalistleriň bilimi hem-de söz azatlygy boýunça moduly işläp taýýarlamak babatda okuw maslahatlary, şeýle hem žurnalistleriň hukuklary we borçlary boýunça okuw çäreleri, şol sanda instruktorlar üçin çuňlaşdyrylan okuw tapgyry geçirildi. Ol has giň auditoriýanyň – kazylaryň, hukukçylaryň we žurnalistleriň gatnaşmagynda şonuň ýaly okuwlary geçirmek üçin nusga bolup hyzmat edip biler.

ÝHHG aýallaryň we erkekleriň deňhukuklylygynyň parahatçylygy, ykdysady ösüşi we durnukly demokratiýany berkitmek üçin esasy şert bolup durýandygyny ykrar edýär, Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Milli Hereketleriň Meýilnamasyny amala aşyrmaga ýardam etmek Merkeziň işinde uly orny eýeleýär. ÝHHG-niň gender meseleleri boýunça Uly geňeşçisi Amarsana Darisureniň 2018-nji ýylda Türkmenistana amala aşyran sapary gender deňligi babatda hyzmatdaşlygy berkitmegiň ýolunda möhüm ädim boldy. Hanym Darisuren milli we halkara hyzmatdaşlar bilen duşuşdy hem-de gender deňligini ilerletmegiň milli gurallary boýunça "tegelek stoluň" başynda geçirilen maslahata gatnaşdy. 2019-njy ýylda Merkez BMG-niň Ilat gaznasy hem-de Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty bilen bilelikde Aşgabatda we ýurduň bäş welaýatynda gender deňligi hem-de Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Milli Hereketleriň Meýilnamasyny amala aşyrmak meseleleri boýunça "tegelek stoluň" başynda duşuşyklaryň tapgyryny geçirdi.

Kanunyň hökmürowanlygy ýörelgesini berkitmek ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkeziniň ynsanperwer ölçeginiň çäklerinde alyp barýan işiniň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we kursantlary üçin jenaýat adyl kazyýetliligi babatda adam hukuklary boýunça okuwlary geçirmek indi däbe öwrüldi. Olar ýakyn geljekde alan bilimlerini iş ýüzünde ulanyp bilerler. 2019-njy ýylda Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň maliýe goldawyny bermeginde Tom Bingemiň "Hukugyň hökmürowanlygy" atly türkmen diline terjime edilen kitaby taýýar edildi. Bu kitap kazylar, adwokatlar we tejribelik okuwyny geçýän hukukçylar üçin bu ugurda peýdaly gollanma bolup hyzmat eder. Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň gol-

daw bermeginde ÝHHG-niň paýtagtdaky Merkezi tarapyndan Aşgabatda, şeýle hem Daşoguzda we Maryda geçirilen jenaýat adyl kazyýetliligi bilen baglylykda, kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygy boýunça okuw maslahatlaryny aýratyn bellemek gerek.

Guramanyň ynsanperwer ulgamda alyp barýan işiniň beýleki wajyp ugurlary barada aýdylanda, ÝHHG-niň adam söwdasy ýaly häzirki döwrüň howply jenaýatyna garşy göreşmek boýunça netijeli syýasaty işläp taýýarlamakda we amala aşyrmakda gatnaşyjy döwletleri goldamaga uly ähmiýet berýändigini bellemek gerek. ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkezi bu mesele boýunça döwlet edaralary, şeýle hem jemgyýetçilik guramalary bilen üstünlikli hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Adam söwdasynyň öňüni almak we oňa garşy hereket etmek boýunça çäreler, şol sanda köpçülikleýin habar beriş çäreleri muňa mysal bolup durýar.

Ynsanperwer ulgamda alnyp barylýan işiň çäklerinde Merkez jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyga uly üns berýär. Merkez köp ýyl bäri “Keýik Okara” jemgyýetçilik guramasy bilen gender deňligi hem-de öý zorlugynyň öňüni almak meseleleri boýunça ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. 2012-nji ýylda Öý zorlugynyň pidalaryna kömek bermek boýunça Merkeziň döredilmegi hyzmatdaşlygyň mysaly bolup, ol häzire çenli hereket edip gelýär.

Biz ÝHHG-niň gün tertibine girýän meseleleri, ilkinji nobatda, gender deňligi, öý zorlugynyň we adam söwdasynyň öňüni almak ýaly meseleleri çözmäge ýaşlaryň çekilmegine aýratyn ähmiýet berýäris. Şunuň bilen baglylykda, jemgyýetçilik we döwlet durmuşynda ýaşlaryň ornuny giňeltmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy esasynda amala aşyrylýan ýaşlar syýasatynyň ähmiýetini bellemek gerek.

ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkeziniň işläp gelýän ýigrimi ýylynyň dowamynda ÝHHG-niň we Türkmenistanyň arasynda ynsanperwer ölçegi babatda hyzmatdaşlygyň ep-esli berkändigini bellemek gerek. Munuň şeýledigine bilelikdäki taslamalaryň sanynyň artmagy, şeýle hem hyzmatdaşlygyň geriminiň giňelmegi aýdyň şaýatlyk edýär. Elbetde, milli hyzmatdaşlar gatnaşmazdan bu üstünlikleri gazanyp bolmazdy, hyzmatdaşlygyň ähli gazananlary bilelikdäki tutanýerli zähmetiň netijesi bolup durýar.

Ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa, Türkmenistanyň daşary işler ministrine, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutyna, şeýle hem ähli milli hyzmatdaşlara netijeli özara gatnaşyklar hem-de ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkeziniň işine ynsanperwer ölçegiň çäklerinde berilýän ýardam üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirmek isleýärin. Köp ýyllyk hyzmatdaşlygyň geljekde hem Türkmenistanyň we ÝHHG-niň bähbidine hasda berkejekdigine ynanýaryn.

# TÜRKMENISTANYŇ YNSANPERWER DAŞARY SYÝASATYNYŇ ESASY ÝÖRELGELERI WE DÜNÝÄ TEJRIBESINE GOŞANDY

**Esen AÝDOGDYÝEW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň rektory*

XX asyryň wakalary adamy döwletleriň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda hem-de halkara gatnaşyklarynda esasy hereket edýän şahsa öwürdi. Birleşen Milletler Guramasynyň 1948-nji ýylda kabul eden Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda ähli adamlar öz mertebesi we hukuklary babatda erkin we deňhukukly diýlip ykrar edildi. Resminamada bellenilişi ýaly, adam hukuklary azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýar hem-de ýurtlar halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmäge çagyrylýar. Şeýlelikde, ynsan şahsyýetiniň gymmatlygy halkara gatnaşyklaryny ösdürmegiň esas goýujy düşünjesine öwrüldi hem-de daşary syýasy işiň ynsanperwer jäheti aýratyn ähmiýete eýe boldy. Türkmenistan adamyň jemgyýetiň ýokary gymmatlygy bolup durýandygyndan hem-de döwletiň tagallalarynyň şahsyýetiň erkin ösmegi üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilmelidiginden ugur alýar.

Türkmenistanyň ynsanperwer diplomatiýasy milli sütünlerden we hemişelik bitaraplyk syýasatyndan gözbaş alýar. Türkmenistanyň Bitaraplygy we onuň parahatçylyk söýüjilik, işjeň ylalaşdyryjylyk, harby dawalara, birleşmelere we şertnamalara gatnaşmazlyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine goşulmazlyk, olaryň özygtyýarlygyna we çäk bitewüligine hormat goýmak ýaly binýatlyk häsiýetnamalary ýurduň milli bähbitlerine, dünýä bileleşiginiň uzakmöhletleýin maksatlaryna, BMG-niň Tertipnamasynyň ýörelgelerine, halkara durnuklylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmäge netijeli, deňagramly çemeleşmäniň ölçeglerine kybap gelýär. Jemgyýetde parahatçylyk söýüjilik, ylalaşyk, sabyrlylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerini amala aşyrmak bilen, Türkmen döwleti şol düşünjeleri halkara derejesindäki gatnaşyklara hem siňdirýär. Döwletimiz ynsanperwer gatnaşyklara halklary ýakynlaşdyrmagyň, olaryň arasyndaky özara düşünişmegi çuňlaşdyrmagyň, dostlukly gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm serişdeleriniň biri hökmünde garaýar.

Türkmenistan Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG), Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça edarasy (ÝUNESKO) BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF), BMG-niň Ilat gaznasy (ÝUNFPA), BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary komissarynyň Müdiriýeti (BÝKM), Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasy ýaly ynsanperwer guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan bu guramalaryň her biri bilen hyzmatdaşlygyň baý oňyn tejribesini toplady.

Döwletimiziň Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň Halkara Federasiýasy bilen köpýyllyk netijeli gatnaşyklary Türkmenistanyň ynsanperwer diplomatiýasyny üstünlikli amala aşyr-

magynyň möhüm görkezijileriniň biri hökmünde çykyş edýär. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti ýurdumyzyň baýry ynsanperwer jemgyýetçilik guramalarynyň biri bolmak bilen, täze taryhy döwürde amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmelere işjeň gatnaşýar. Jemgyýetiň alyp barýan işi – bu onuň öz işini ynsanperwerlik, duýgudaşlyk, rehimlilik ýaly aýratyn ýörelgeleriň esasynda guraýandygynyň aýdyň beýanydyr.

Adam ömrüniň dowamlylygyny artdyrmaga, saglygyny berkitmäge we halýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam edýän ösüşiň ileri tutulýan milli ugurlaryny amala aşyrmak boýunça BMG-niň ýöriteleşdirilen agentlikleri bilen özara gatnaşyklary alyp barmak Türkmenistanyň halkara ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

Saglygy goraýyş ulgamyny berkitmekde, ömrüň dowamlylygyny artdyrmakda we sagdyn durmuş ýörelgelerini ilerletmekde gazanylan köpsanly üstünlikler Türkmenistany BSGG bilen baglanyşdyrýan netijeli hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesiniň netijesine öwrüldi. Ýurdumyz birnäçe ýokanç keselleriň ýok edilmegi hakynda halkara güwänamalaryna mynasyp boldy, türkmen lukmanlarynyň bu ugurda toplan tejribesini Ýewropa sebitiniň ýurtlarynda ýaýratmak maslahat berildi.

Halkara guramalary ynsanperwer diplomatiýanyň esasyny düzýän medeni ulgamda hem wajyp orun eýeleýärler. Türkmenistan ÝUNESKO bilen işjeň gatnaşyklary saklaýar. Türkmenistanyň 1994-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda we 2011-nji ýylyň 25-nji noýabrynda tassyklan ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak hakynda Konwensiýasy (1972 ý.) hem-de Maddy däl medeni mirasy goramak hakynda Konwensiýasy (2003 ý.) ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň binýatlyk hukuk resminamalaryny emele getirýär. Olaryň çäklerinde ýurdumyzyň medeni-taryhy desgalaryny – taryhyň, medeniýetiň we siwilizasiýanyň gymmatly we aýdyň alamatlary bolan “Gadymy Merw” (1999 ý.),



“Köneürgenç” (2005 ý.) hem-de “Gadymy Nusaý” (2007 ý.) ýadygärliklerini ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak boýunça işler geçirildi. 2017-nji ýylyň dekabrynda türkmen



milli küştdepdi aýdym we tans dessury adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň Bütindünýä sanawyna goşuldy. 2019-njy ýylyň 12-nji dekabrynda – Halkara Bitaraplyk gününde Bogota şäherinde (Kolumbiýa) geçirilen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak boýunça hökümetara ko-

mitetiniň nobatdaky mejlisinde türkmen milli halyçylyk sungaty ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Munuň özi nepis türkmen halylarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan sungat ýadygärligi hökmünde ykrar edilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.



Häzirki wagtda Türkmenistan diňe täze taryhy-medeni gymmatlyklaryny dälde, eýsem, ýurdumyzyň täsin tebigy ýerlerini: Köýtendagyň we Garagum çölüniň, “Bathyz” döwlet goraghanasynyň ekoulgamlaryny we beýlekileri, şeýle hem ahalteke atçylyk sungatyny ÝUNESKO-nyň bütindünýä sanawyna goşmak babatda birnäçe başlangyçlary we teklipleri taýýarlamak boýunça işjeňligini artdyrýar.

Türkmenistan bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça halkara gün tertibiniň işlenip taýýarlanylmagyna we amala aşyrylmagyna işjeň gatnaşýar. ÝUNESKO-nyň Baş Konferensiýasynyň 39-njy mejlisiniň barşynda Türkmenistan 2018-2021-nji ýyllar üçin Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň (CIGEPS) düzümine saýlanyldy. 2021-nji ýylda Türkmenistanda ÝUNESKO-nyň howandarlygynda Bedenterbiýe we sport üçin jogapkär ministrleriň we ýolbaşçy işgärleriň VII Halkara maslahatyny (MINEPS VII) geçirmek göz öňünde tutulýar. 2019-njy ýylyň 12-nji noýabrynda Parižde ÝUNESKO-nyň Baş Konferensiýasynyň 40-njy mejlisi resmi taýdan açyldy, oňa türkmen wekiliýeti gatnaşdy.

Türkmenistanyň BMG-niň Çagalar gaznasy bilen çagalaryň bähbidine durmuş goragy, bilim we saglygy goraýyş ulgamlaryny kämilleşdirmek boýunça bilelikdäki maksatnamalary amala aşyrmaga, şeýle hem çagalar babatda milli kanunçylygy halkara tejribesine laýyk getirmäge gönükdirilen hyzmatdaşlyk hem okgunly ösýär. 1993-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Merkezi Aziýada ilkinji bolup BMG-niň Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýasyna goşulmagy, 1994-nji ýylda bolsa, ÝUNISEF-iň ilkinji bolup Türkmenistanda BMG-niň ýöriteleşdirilen agentligini açmagy bellärliklidir.

Ýurdumyzyň 2018-2022-nji ýyllar üçin ÝUNISEF-iň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanylmagy bilen baglylykda hyzmatdaşlygyň işjeňleşendigini bellemek gerek. Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2018-2022-nji ýyllar üçin hereketleriň Milli meýilnamasyny tassyklamagy özara gatnaşyklaryň aýdyň netijesine öwrülip, ol ýurdumyzyň bähbidine, şeýle hem ählumumy Durnukly ösüş maksatlaryna kybap gelýär. 2016-njy ýylyň 23-nji martynda Türkmenistanyň Hökümetiniň hem-de ÝUNISEF-iň arasynda 2016-2020-nji ýyllar üçin Ýurt boýunça Hereketleriň meýilnamasyna gol çekildi. Resminama Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara topary tarapyndan ÝUNISEF bilen bilelikde işlenip taýýarlanyldy.

2019-njy ýyl Çaganyň hukuklary ha-

kynda Konwensiýanyň kabul edilmegine 30 ýyl doldy. Çaganyň hukuklaryny amala aşyrmak boýunça toplumlaýyn işler Gün tertibi-2030-yň maksatlary bilen özara baglydyr. Şu jähetden, milli kanunçylyk hem-de DÖM boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň çagalaryň hukuklary we bähbitleri babatda BMG-niň esasy ýörelgelerine, ösüp gelýän nesil hakyndaky alada ygrarlydygyny görkezýär. Ýurdumyzda binýatlyk halkara hukuk resminamalary, şol sanda "Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi, bu ugurda BMG-niň birnäçe möhüm konwensiýalary we teswirnamalary tassyklanyldy. Enelik we çagalyk babatda kanunçylyk ulgamy hem kämilleşdirilýär. Çagalaryň sazlaşykly ösmegi, beden we ruhy taýdan sagdyn, giň gözýetimli ösüp gelýän nesli kemala getirmek üçin şertleriň döredilmegi durmuş syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar.

Bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny goramak bilen bagly meseleleri çözmek boýunça BMG bilen bilelikde geçirilýän işler Türkmenistanyň daşary syýasy tagallalarynyň esasy ugurlarynyň birine öwrüldi. Ýurdumyz BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary komissarynyň maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň hemişelik agzasy bolmak bilen, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň ykbaly bilen bagly meseleleriň çözgüdini tapmakda uly tejribe toplady. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň raýatlygyna 23 müňe golaý adam kabul edildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen raýatsyzlygy ýok etmek boýunça 2018-2024-nji ýyllar üçin hereketleriň milli meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy.

2018-nji ýylyň 13-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 96-njy mejlisinde Türkmenistanyň 2019-2021-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň Ykdysady we durmuş geňeşiniň (EKOSOS) agzalygyna saýlanmagy ýurdumyzyň döwlet durmuşynda möhüm waka bolup, ol ykdysady, durmuş we ynsanperwer ösüşi bilen bagly meseleleri çözmäge ýurdumyzyň goşandynyň gürrüňsiz ykrar edilýändigini tassyklady. Türkmenistanyň EKOSOS-yň çäklerindäki diňe dürli ykdysady-durmuş we ynsanperwer maksatnamalary amala aşyrmakda tejribesini paýlaşmaga däl-de, eýsem, ykdysady we durmuş ulgamlarynda, şeýle hem saglygy goraýyş, medeniýet we bilim ulgamlarynda ählumumy maslahatlary işläp taýýarlamaga gatnaşmagyna mümkinçilik döretdi.

BMG-niň ählumumy strategiýalaryny, konsepsiýalaryny, maksatnamalaryny we taslamalaryny amala aşyrmak maksady bilen, Türkmenistan BMG-niň Ykdysady we durmuş geňeşinde, BMG-niň Söwda we ösüş boýunça maslahatynyň Söwda we ösüş boýunça geňeşinde (ÝUNKTAD), BMG-niň Çagalar gaznasynyň Ýerine ýetiriji geňeşinde, BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary komissarynyň maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetinde, BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynda, BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynda, BMG-niň beýleki düzümlerinde agzalygyndan netijeli peýdalanýar.

Ynsanperwerlik işi biziň daşary syýasatymyzyň daýanjy bolup, onuň üsti bilen biz raýdaşlygymyzy beýan edýäris we halkara durnuklylygyny berkitmäge ýardam edýäris. Türkmenistan uruşlardan, dawalardan, tebigy betbagtçylyklardan, heläkçiliklerden we olaryň netijelerinden

ejir çeken ýurtlara kömek etmek boýunça döwletleriň we halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny hemişe goldaýar hem-de olara kömek berip gelýär. Bu bolsa, türkmeniň daşary syýasatynyň ynsanperwer düzüjisiniň häsiýetli alamaty bolup durýar. Türkmenistanyň Owganystana, Hytaýa, Türkiýä, Täjigistana, Nepala, Gaitä, Pakistana, Sýerra-Leonä beren ynsanperwerlik kömegi muňa mysal bolup hyzmat edýär.

Owganystan bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň bu ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine goýulýan maýalara ynsanperwerlik nukdaýnazaryndan toplumlaýyn çemeleşýändigini görkezýär. Ýurdumyz oňyn bitaraplyk syýasatyna daýanyp, Owganystandaky ýagdaýy parahatçylykly kadalaşdyrmak nukdaýnazaryndan çykyş etmek bilen, owgan ykdysadyýetini we durmuş düzümini dikeltmäge gönükdirilen anyk ädimleri ädýär. Türkmenistanyň energiýa bilen üpjün ediji hökmünde berýän goldawy Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) gazgeçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmek üçin aýratyn möhümdir. Ol ählumumy ähmiýete eýe bolup, Owganystanyň ykdysady taýdan ösmegine uly goşant goşar.

Hormatly Prezidentimiz türkmen döwletiniň ylalaşdyryjylyk we döredijilik kuwwatyny ählumumy bähbitlerde amala aşyryp, ata-babalarymyzyň ynsanperwerlik we hoşniýetlilik ýörelgelerinden ugur almak bilen, giň halkara hyzmatdaşlyk syýasatyny alyp barýar, adam ölçegi we durmuş häsiýetli meselelere aýratyn üns berýär. Türkmenistan halkara ynsanperwer guramalary bilen işjeň gatnaşyklary saklap, ynsanperwerlik işiniň dürli ugurlary boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryna uly goşant goşýar.

2019-njy ýylyň 12-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy esasynda 73 döwletiň awtordaşlygynda “2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” atly Rezolýusiýa kabul edildi. Onda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň halkara bileleşigini syýasy gepleşikler, özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk arkaly döwletleriň arasyndaky parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmäge çekmegiň usuly bolup durýandygy bellenilýär.

2019-njy ýylyň 11-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow GDA gatnaşyjy döwletleriň Ynsanperwer hyzmatdaşlyk boýunça döwletara gaznasynyň “Ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin” medaly bilen sylaglandy. Milli Liderimiziň başlangyçlarynyň giň halkara goldawyna eýe bolmagy, Türkmenistanyň abraýly halkara düzümlerine saýlanylmagy hem-de halkara guramalarynyň sylaglaryna mynasyp bolmagy medeni-ynsanperwer ulgamda döwletleriň özara gatnaşyklaryny berkitmekde ýurdumyzyň bitirýän hyzmatlaryny hem-de Türkmenistanyň ynsanperwer daşary syýasatynyň dünýä tejribesine goşandyny nobatdaky gezek tassyklaýar.

**EDEBIÝAT**

1. Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy // Türkmenistanda aýallaryň hukuklary. Türkmenistanyň kanunçylyk namalary we halkara hukuk resminamalary. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017 ý.

2. Резолюция, принятая Генеральной Ассамблеей 12 сентября 2019 года «Международный год мира и доверия, 2021 год» // https://undocs.org/ru/A/RES/73/338

# TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYK GAZNASYNYŇ IŞINIŇ ESASY UGURLARY

**Maýsa SARYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Parahatçylyk gaznasynyň müdiriýetiniň başlygy*

Häzirki döwür görnükli nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň: “Berkarar döwlet islärin” diýen setirlerinde beýanyny tapan ata-babalarymyzyň arzuwlan zamanasynyň wysalyna öwrüldi. Bu günki günde Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adam diýlip ykrar edilýär. Ýurdumyzda adamyň sagdyn ösmegi, döwrebap bilim almagy, käriň eýesi bolup, netijeli zähmet çekmegi, dynç almagy, saglygyny berkitmegi, sport bilen meşgullanmagy, umuman, hemmetaraplaýyn we sazlaşykly ösen şahsyýet bolmagy üçin ähli şertler döredilen.

Hormatly Prezidentimiziň öňe süren teklibi esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň 106-njy mejlisinde agza döwletleriň ähmlisi tarapyndan “2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” atly Rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Bu resminama türkmeniň dünýä halklary bilen parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik ýörelgeleri esasynda düşünişip, ylalaşyp ýaşamagyň tarapdarydygyny ýene-de bir gezek subut etdi.

Häzirki döwürde parahatçylyk we ynanyşmak düşünjeleriniň wajyplygy barha artyp, olar hyzmatdaşlygyň we ösüşiň zerur şertleriniň birine öwrüldi. Şundan ugur alyp, bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwlet hökmünde Türkmenistan ähli hyzmatdaşlar bilen özara bähbitleri nazara alýan, ählumumy howpsuzlygy üpjün etmegiň, parahatçylygy pugtalandyrmagyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna daşary syýasy strategiýasyny işläp taýýarlap, demokratik we ynsanperwer ýörelgelere daýanýan gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň bu başlangyjy dünýä döwletleri we halkara düzümleri bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, hemmeler üçin asuda durmuşy üpjün etmäge, döwrüň wajyp meseleleriniň çözgüdini tapmagyň netijeli gurallaryny döretmäge, bu gatnaşyklary döwrebap äheňde baýlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Rezolýusiýada berkidilişi ýaly, “...parahatçylyk diňe bir gapma-garşylyklaryň bolmazlygy däl-de, köp tarapyň gatnaşmagyna esaslanýan oňyn, okgunly ösüşdir, onda netijeli gepleşikler goldanylýar, gapma-garşylyklar bolsa özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk ruhunda çözülýär”.

Türkmenistanyň Parahatçylyk gaznasy işini deňhukuklylyk, öz-özüňi dolandyrmak we kanunylyk ýörelgeleri esasynda hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, “Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we öz Tertipnamasyna laýyklykda alyp barýan garaşsyz, haýyr-sahawat, täjirçilik däl jemgyýetçilik birleşigidir. Ol häzirki döwürde ýurdumyzda hereket edýän jemgyýetçilik guramalary bilen birlikde, parahatçylyk söýüjilik taglyma-

ryny wagyz edýär, orta we ýokary okuw mekdeplerinde, edara-kärhanalarda dürli medeni çäreleri, ýazyjy-şahyrlar we artistler bilen döredijilik söhbetdeşliklerini, ýaşlaryň zähmet we uruş weteranlary bilen duşuşyklaryny yzygiderli gurap, öz mynasyp goşandyny goşýar. Hususan-da, mekdep okuwçylarynyň we talyplaryň arasynda geçirilýän parahatçylyga bagyşlanan surat, watançylyk aýdymlarynyň, hünär bäsleşikleri, milli mirasy aýawly saklamak, sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmek baradaky wagyz-nesihat çäreleri ýaş nesliň söýgüli hünärini saýlamagyna, zehinini açyp görkezmegine giň mümkinçilikleri açýar. Çäreler sagdyn, maksada okgunly, öz Watanynyň mynasyp raýatlary bolup ýetişmeklerine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Parahatçylyk gaznasy Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen halkara hukuk resminamalarynyň ýörelgelerine we kadalaryna daýanyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Döwlet adam üçindir!" diýen esasy ýörelgesinden ugur alyp, öz wezipelerini amala aşyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýär. Birleşik raýatlaryň parahatçylyk söýüjilik taglymlaryny goldamagyň maddy esasy bolup, onuň serişdeleri parahatçylygy berkitmek ugrundaky başlangyçlara, tebigy heläkçilikleriň we harby hereketleriň pidalaryna kömek bermäge, durmuş we ekologiýa maksatnamalary durmuşa geçirmäge gönükdirilýär. Gazna kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we döwlet dolandyryşynyň beýleki edaralary, hojalyk dolandyryş edaralary, gaýry jemgyýetçilik birleşikleri bilen gatnaşyklaryny deňhukukly hyzmatdaşlyk we özara düşünişmek ýörelgelerinde guraýar.

Birleşigiň maksatlaryny we wezipelerini durmuşa geçirmäge gatnaşýan, Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýeten raýatlary, şeýle hem islendik jemgyýetçilik birleşikleri we guramalary Gaznanyň gatnaşyjysy bolup bilýärler.

Türkmenistanyň Parahatçylyk gaznasy umumadamzat gymmatlyklary ugrunda çykyş edýär, Türkmenistanyň demokratik, hukuk, dünýewi we bitarap döwlet hökmünde berkemegine ýardam berýär. Birleşik Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň işine hem gatnaşýar.

Parahatçylyk gaznasynyň işiniň maksatlary adamlaryň we halklaryň arasynda parahatçylygy, dostlugy, özara düşünişmegi we ylalaşygy pugtalandyrmakdan, rehimlilik we ynsanperwerlik taglymlaryny wagyz etmekden we durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

Olaryň amala aşyrylmagy üçin Gazna şu wezipeleri ýerine ýetirýär:

- ösýän daşary ýurtly hökümete degişli bolmadyk guramalar we aýry-aýry raýatlar, şeýle hem daşary ýurtlardaky türkmenler bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýýar we goldaýar;

- raýatlaryň parahatçylyk, dostluk, özara düşünişmek we ylalaşmak ýörelgelerinde terbiýelenmegine, adamlaryň arasyndaky sosial üzňeligi we millet aýrybaşgalygyny ýeňip geçmäge, jemgyýetiň bitewüligini berkitmäge ýardam edýär;

- milli taglymaty, halkyň umumadamzat, ahlak we watançylyk gymmatlyklaryny wagyz edýär, ösüp gelýän ýaş nesli watansöýüjilik we internasionalizm ruhunda terbiýelemäge ýardam edýär;

- Watan goragçylarynyň we uruş pidalarynyň, şeýle hem ýurduň ösüşine uly goşant goşan zähmet weteranlarynyň

ýadygärligini ebedileşdirmek boýunça işlere gatnaşmak;

- uruş we zähmet weteranlarynyň, uruşda wepat bolanlaryň maşgalalarynyň, raýatlaryň käbir beýleki toparlarynyň agzalarynyň maddy-durmuş şertlerini gowulandyrmak hakynda alada edýär;

- möhüm bilim we medeni maksatnamalaryň amala aşyrylmagyna, milli medeniýetiň, halk döredijiliginiň we halk senetçiliginiň ösdürilmegine, taryhy-medeni mirasyň aýawly saklanylmagyna gatnaşýar;

- olimpiýa we paralimpiýa hereketleriniň, bedenterbiýe-sagaldyş we sport işiniň, şeýle hem syýahatçylygyň ösdürilmegine ýardam edýär;

- ilatyň saglygyny goramak we sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek işine gatnaşýar;

- zehinli çagalary we ýaşlary goldaýar.

Gaznanyň işiniň esasy ugurlary halklaryň arasynda parahatçylygy, dostlugy we ylalaşygy pugtalandyrmaga ýardam bermekden, ynsanperwerligi we rehimliligi ösdürmekden, haýyr-sahawatlylykdan, milli, dini we sosial gapma-garşylyklaryň öňüni almakdan, adam hukuklaryny goramakdan, daşky gurşawy goramakdan, halkara hyzmatdaşlygy, ylmy, medeni, ýaşlar alyşygyny ösdürmekden we beýlekilerden ybaratdyr.

Parahatçylyk gaznasy wezipelerini durmuşa geçirmekde şu usullary ulanýar:

- işiniň maksatlaryny, wezipelerini we usullaryny wagyz edýär, Parahatçylyk gaznasynyň şäherlerde, etraplarda, zähmet köpçüliklerinde, edaralarda, okuw jaýlarynda we raýatlaryň ýaşaýan ýeri boýunça aktiwlerini giňeldýär;

- işine syýasy partiýalaryň, beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň, dini guramalaryň wekillerini, ylmy we medeniýet işgärlerini we ilatyň beýleki gatlaklarynyň wekillerini çekýär.

Gaznanyň baş maksady hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli adyl syýasatyny goldamakdan, parahatçylyk söýüjilikli halkara başlangyçlarynyň, daşary syýasy strategiýasynyň mazmunyny we maksatlaryny halkyň arasynda düşündirmekden, bütin dünýäde parahatçylygyň höküm sürmegi ugrunda çykyş edip, halklaryň arasynda dostlugy we ylalaşygy berkitmäge işjeň gatnaşmakdan ybarat. Şu maksatly geçirilýän çäreler döwlet Baştutanymyzyň “Açyk gapylar” syýasaty esasynda alyp barýan beýik işlerinde öz mynasyp ornuny eýeleýär.

## EDEBIÝAT

1. Döwlet Baştutanymyz taryhy waka barada wideokonferensiýa geçirdi // “Türkmenistan” gazeti. 2019-njy ýylyň 17-nji sentýabry.

2. Резолюция, принятая Генеральной Ассамблеей 12 сентября 2019 года «Международный год мира и доверия, 2021 год» // https://undocs.org/ru/A/RES/73/338

# KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARY WE RAÝAT JEMGYÝETI

**Gurbangül ATAÝEWA,**
***Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň başlygy***

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2019-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşynda: “Türkmenistan ýigrimi sekiz ýyl mundan ozal döwlet garaşsyzlygyny jar etdi. Biz demokratik, hukuk we dünýewi döwlet gurluşyny saýlap alyp, özygtyýarly we erkin ösüş ýoluna ynamly gadam basdyk” diýip belledi.

Gysga taryhy döwrüň içinde Garaşsyz Türkmenistan özara bähbitli dünýä ykdysady gatnaşyklaryna goşulan özygtyýarly milli ykdysadyýetli, Milletler Bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolup durýan döwlete öwrüldi. Bu gün bolsa, Türkmenistany syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda ösen ýurtlaryň derejesine çykarmak üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda öňde goýlan maksatlara laýyklykda milli ykdysadyýetiň ähli pudaklary düýpli döwrebaplaşdyrylyp, sanly ulgama geçilýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň taryhy mejlisinde Garaşsyz döwletimiziň täze wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de ýurdumyzyň senagat-innowasion keşbini mundan beýläk-de kemala getirmek boýunça belent maksatlar kesgitlenildi. Bu döredijilikli işde ýurdumyzyň jemgyýetçilik birleşiklerine, şol sanda kärdeşler arkalaşyklaryna uly orun berilýär. Olar milli Liderimiziň Türkmenistany syýasy, ykdysady we durmuş taýdan döwrebaplaşdyrmaga tarap saýlap alan strategik ugruny işjeň ýagdaýda goldaýarlar.

Türkmenistanyň ösüşiniň “Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri” diýlip atlandyrylan häzirki döwri ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan ägirt uly durmuş-ykdysady özgertmeleriň anyk beýany bolup durýar. Raýatlaryň zähmete hukugynyň Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň gündelik işi bilen üznüksiz baglydygyny bellemek gerek. Kärdeşler arkalaşyklarynyň peýda bolmagy jemgyýetiň syýasy we ykdysady taýdan ösüşiniň barşy bilen şertlendirilip, uzak wagtyň netijesi bolup durýar.

1993-nji ýylda Türkmenistan Halkara zähmet guramasynyň (HZG) doly hukukly agzasy boldy hem-de onuň sekiz esas goýujy we bir tehniki konwensiýalaryny yzygiderlilikde tassyklady. Olaryň hatarynda Mejbury ýa-da hökmany zähmet hakynda (№ 29), Assosiasiýalaryň erkinligi we olary guramaga bolan hukugy goramak hakynda (№ 87), Guramaga bolan hukugyň ýörelgelerini ulanmak we köpçülikleýin şertnamalary baglaşmak hakynda (№ 98), Erkek adamlary we aýallary deň ähmiýetli zähmeti üçin deň derejede sylaglamak hakynda (№ 100), Mejbury zähmeti ýatyrmak hakynda (№ 105), Zähmet we iş bilen meşgul bolmak babatda kemsitmeler hakynda (№ 111), şeýle hem Maýyplaryň hukuklary hakynda konwensiýalar hem-de Çaga zähmetiniň iň agyr

görnüşlerini gadagan etmek we aradan aýyrmak hakynda Konwensiýasyna Fakultatiw teswirnama bar.

HZG-niň Assosiasiýalaryň erkinligi we olary guramaga bolan hukugy goramak hakynda Konwensiýasy işgärleriň we iş berijileriň guramalary döretmäge hem-de olara deslapdan rugsat almazdan öz islegine görä girmäge bolan hukuklaryny belleýär we döwlet häkimiýet edaralary goşulmazdan, olaryň işiniň erkinliginiň kepilliklerini kesgitleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 17-nji maddasynda döwletiň raýat jemgyýetiniň ösmegi üçin zerur şertleri üpjün edýändigi barada düzgün berkidilen. Jemgyýetçilik birleşikleri kanunyň öňünde deňdirler: “Raýatlar Konstitusiýanyň we kanunlaryň çäklerinde hereket edýän syýasy partiýalary we gaýry jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge haklydyrlar” (44-nji madda).

“Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanda kärdeşler arkalaşyklary – agzalarynyň zähmet we onuň bilen baglanyşykda beýleki durmuş-ykdysady hukuklaryna we bähbitlerine wekilçilik etmek hem-de olary goramak, zähmeti gorap saklamak we onuň şertlerini gowulandyrmak üçin hünär bähbitleriniň umumylygy esasynda raýatlar tarapyndan meýletin döredilýän özbaşdak jemgyýetçilik guramalarydyr. Ady agzalan Kanunyň 9-njy maddasynda kärdeşler arkalaşygynyň öz işinde döwlet häkimiýet edaralaryndan, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan, iş berijilerden, olaryň birleşiklerinden, syýasy partiýalardan we beýleki jemgyýetçilik birleşiklerinden garaşsyzdygy hakynda hukuk kadasy bar.

Kärdeşler arkalaşyklarynyň agzalyk binýady onuň esasy serişde çeşmesi bolup çykyş edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň düzüminde 1 mln 136 müň 144 adam agza bolup, olaryň 550 419-sy aýal-gyzlar, 338 832-si 30 ýaşyna ýetmedik ýaşlardyr. Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň guramaçylyk düzümi önümçilik-pudak we çäk ýörelgeleriniň utgaşdyrylmagyna esaslanýar hem-de 14 pudaklaýyn, 5 welaýat, 45 etrap hem-de 9 şäher birleşmelerini öz içine alýar.

Kärdeşler arkalaşyklary öz işini we özara gatnaşyklaryny şu ýörelgelerde guraýarlar: işgärleriň bähbitlerine agzybirlik we arkalaşyk, kärdeşler arkalaşyklarynyň we guramalarynyň ähli agzalarynyň deňhukukly gatnaşmagy, saýlawlylyk, ýokarda durýan kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralarynyň çözgütleriniň aşakda durýan edaralar tarapyndan ýerine ýetirilmeginiň hökmanylygy, aşakda durýan kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralarynyň ýokarda durýan edaralaryň öňünde öz wagtynda hasabatlylygy, azlygyň bähbitlerine, olaryň öz pikirini beýan etmek hukuklaryna hormat goýmak, kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralarynyň, olaryň ýolbaşçylarynyň Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň tertipnamasynyň berjaý edilmegine jogapkärçiligi.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenis-



tanyň Konstitusiýasynyň her bir adamyň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine hukugyny kepillendirýändigini bellemek gerek. 2009-njy ýylda guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, aýry-aýry fiziki şahslarda baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde işleýän şahslaryň zähmet gatnaşyklaryny



düzgünleşdirýän Türkmenistanyň Zähmet kodeksi güýje girdi.

Zähmet kodeksine ilkinji gezek kärdeşler arkalaşyklaryna bagyşlanan hem-de olara giň hukuklary berýän ýörite bölüm girizildi. Kodekse durmuş hyzmatdaşlygy institutynyň girizilmegi bolsa, häzirki döwürde döwletimiziň köpçülikleýin şertnamalaryň we köpçülikleýin ylalaşyklaryň baglaşylmagyna aýratyn

ähmiýet berýändigini aňladýar. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen edara – Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, işgärleriň guramasy bolup durýan Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi hem-de iş berijileriň bähbitlerine wekilçilik edýän Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi ýurdumyzda ýokary dere-



jedäki durmuş hyzmatdaşlary bolup çykyş edýärler. Olar zähmet, iş bilen üpjünçilik, zähmeti goramak, ilatyň zähmet hakyny we durmuş goraglylygyny düzgünleşdirmek boýunça kanunçylyk namalarynyň taslamalary hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalary işlenip taýýarlanylanda bilelikdäki maslahatlaşmalary geçirýärler.

Zähmet kodeksiniň 356-njy maddasyna laýyklykda, Baş ylalaşyklar Türkme-



nistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da onuň ygtyýarly eden edarasynyň, Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň arasynda baglaşylýar. Şunlukda, 2018-nji ýylyň dekabrynda 2019-2021-nji ýyllar üçin nobatdaky Baş ylalaşyk baglaşylyp, onuň esasy maksady durmuş-zähmet gatnaşyklary, zähmet jedellerini çözmek, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, zähmete hak tölemek, raýatlaryň durmuş kepilliklerini tapgyrma-tapgyr ýokarlandyrmak, ilatyň has ejiz toparlaryny durmuş taýdan goramak, ykdysadyýetiň durnuklaşmagyna görä işgärleriň girdejileriniň artmagyny üpjün etmek, Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli maksatnamalaryny durmuşa geçirmek çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy ulgamyny döretmekden ybaratdyr. Ol pudaklaýyn we çäk boýunça ylalaşyklary, köpçülikleýin şertnamalary baglaşmak üçin esas bolup durýar.

Köpçülikleýin şertnama – kärhanadaky durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hem-de işgärleriň we iş berijiniň, olaryň ygtyýarly edilen wekilleriniň üsti bilen baglaşylýan hukuk namasydyr. Ol zähmet gatnaşyklarynyň şertnama esasynda düzgünleşdirilmegine ýardam etmek we işgärleriň we iş berijileriň durmuş-ykdysady bähbitlerini biri-biri bilen sazlaşdyrmak maksady bilen baglaşylýar (TZK-niň 344-nji maddasy).

Ady agzalan durmuş hyzmatdaşlary, şeýle hem ýurdumyzyň kärdeşler arkalaşyklary tarapyndan saýlanylan Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary tarapyndan hukuk ulanyş iş tejribesi ulgamlaýyn seljerilýär we umumylaşdyrylýar, işgärleriň we iş berijileriň arasynda gapma-garşylyklaryň (zähmet dawalarynyň) ýüze çykmagynyň öňüni almak boýunça çäreler görülýär. Durmuş-zähmet we olar bilen bagly gatnaşyklar babatda kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak boýunça milli parlamentiň iş toparlaryna gatnaşmak bilen durmuş hyzmatdaşlary hereket edýän kanunçylyk we beýleki hukuk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça teklipleri taýýarlaýarlar.

Hususan-da, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi (TKAMM) Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň, Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksiniň we beýleki kanunçylyk-kadalaşdyryjy namalarynyň taslamalaryny taýýarlamaga işjeň gatnaşdy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde milli Liderimiz täze konstitusion özgertmeleriň başyny başlamak bilen, dünýäde bolup geçýän özgertmeleri we köp ýurtlarda toplanan tejribäni nazara alyp, iki palataly ulgama geçmegiň we Türkmenistanyň Halk Maslahatyny hem-de Türkmenistanyň Mejlisini wekilçilikli kanun çykaryjy häkimiýetiň wezipelerini amala aşyrýan edaralar ulgamyna goşmagyň maksadalaýykdygyny belledi. Ýurdumyzyň kärdeşler arkalaşyklarynyň pikiriçe, hil taýdan täze, iki palataly ulgama geçilmegi deputatlara raýat jemgyýetiniň ähli gatlaklarynyň bähbitlerine wekilçilik etmäge mümkinçilik berer, hukuk ulanyş tejribesinde gözegçilik wezipelerini amala aşyrmaga şert döreder. Şunuň bilen baglylykda, kärdeşler arkalaşyklary, ýurdumyzyň beýleki jemgyýetçilik birleşikleri ýaly, Türkmenistanyň Esasy Kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça agzalarynyň tekliplerini öwrenmek we umumylaşdyrmak boýunça işe başladylar we olary bellenen tertipde

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça Konstitusion toparyň ýanyndaky Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça teklipleri öwrenmek we umumylaşdyrmak boýunça Iş topara berer.

2018-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahatynda "Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi TKAMM-yň milli parlament bilen üstünlikli hyzmatdaşlygynyň aýdyň mysaly bolup, ol ýurdumyzyň HZG-niň düzgünleriniň umumy ykrar edilen kadalaryny we ýörelgelerini milli kanunçylyga ornaşdyrýandygyna şaýatlyk edýär.

Häzirki wagtda işgärler üçin zähmetiň howpsuz we sagdyn şertleriniň döredilmegine jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmak, olarda howpsuz zähmet çekmek medeniýetiniň ýokary derejesini kemala getirmek, önümçilik şikesleriniň we hünär keselleriniň öňüni almagyň netijeliligini ýokarlandyrmak Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň alyp barýan işiniň uly we jogapkärli bölegi bolup durýar.

Biz bu ugurda esasy netijeleri her ýylyň 28-nji aprelinde bellenilýän Bütindünýä zähmeti goramak gününe gabatlap jemleýäris. 2019-njy ýyl ol "Zähmeti goramak we zähmet ulgamynyň geljegi" atly mowzuk bilen geçirildi.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, ýerlerdäki kärdeşler edaralary her ýyl zähmetkeşleriň we olaryň maşgalalarynyň saglygyny dikeltmegi we dynç almagy üçin anyk çäreler toplumyny amala aşyrýarlar; ýurdumyzyň "Arçman", "Mollagara", "Ýyly suw" şypahanalaryna we beýleki ýerlere ýeňillikli ýollamalary berýär. Galyberse-de, TKAMM-yň öz sagaldyş binýadyny emele getirýän gözel Gökdere jülgesinde ýerleşen 150 orunlyk sagaldyş we dynç alyş merkezi, şeýle hem ajaýyp "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşen çagalar we uly ýaşly adamlar üçin 400 orunlyk "Daýanç" sagaldyş merkezi üstünlikli hereket edýärler.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmek, bazar gurallaryny, şeýle hem täze sanly tehnologiýalary peýdalanmak, döwlete dahylsyz ulgamyň goşandyny artdyrmak, halkara we sebit ähmiýetli iri maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak boýunça giň gerimli meýilnamalar kesgitlendi.

Diňe JIÖ-niň durnukly artmagy, senagatyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän pudaklaryň döredilmegi, täze eksport mümkinçilikleriniň açylmagy, hojalygy dolandyrmagyň netijeli usullarynyň giňden ornaşdyrylmagy däl-de, eýsem, ilatyň durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagy, durmuş abadançylygynyň üpjün edilmegi, halkyň hem-de her bir raýatyň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagy, elbetde, ýurdumyzyň kärdeşler arkalaşyklary üçin şol Maksatnamanyň üstünlikli amala aşyrylmagynyň görkezijilerine öwrüler.

Türkmen döwletiniň 2019-2025-nji ýyllar üçin kesgitlenen bu özboluşly "ýol kartasy" hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden beýan eden hem-de halkara bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolan konseptual pikirleriniň we başlangyçlarynyň esasynda ýurdumyzda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň ugurlaryny şöhlelendirýär.

Türkmenistanyň Prezidenti kärdeşler arkalaşyklarynyň hemişe öz agzalarynyň zähmete hukugynyň goragynda durup, döwlet edaralarynda, şeýle hem hususy düzümlerde raýatlaryň zähmet we durmuş şertlerini goramalydygyny, ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak hem-de olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak bilen ulgamlaýyn meşgullanmalydygyny, adamlaryň zähmet başlangyçlaryny ösdürmelidigini we olary zähmetde taplamalydygyny, zähmet däplerini dowam edýän nesilleri kemala getirmelidigini, önümçiligiň öňdebaryjylaryna mynasyp baha bermek we olary joşgunly zähmet çekmäge höweslendirmelidigini, raýatlaryň dynç almagy üçin amatly şertleri döretmek barada yzygiderli alada etmelidigini belleýär.

Bu gün Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklaryna umumy we şahsy bähbitleri sazlaşykly utgaşdyrýan raýat jemgyýetiniň, raýat we şahsyýet hökmünde öz borçlaryny päk ýürekden ýerine ýetirmeginde öz beýanyny tapýan halkyň we ýurduň öňündäki jogapkärçiligiň, däbe öwrülen gymmatlyklaryň hemmetaraplaýyn ösmegine ýardam etmek üçin ähli tagallalary etmek zerur bolup durýar. Biziň öňümizde kärdeşler arkalaşyklary edaralarynyň işini kämilleşdirmek we olaryň ygtyýarlylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça derwaýys wezipe durýar. Adamlaryň kärdeşler arkalaşyklaryna ynamyny berkitmek üçin ähli ugurlarda geçirilýän işleri çuňlaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak gerek. Esasy zat her agzanyň özi barada edilýän aladany iş ýüzünde duýup bilmegi üçin ilkinji kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň, kärdeşler arkalaşygynyň edarasynyň açyk bolmagy bilen baglydyr.

Şeýlelikde, maksada okgunlylyk, anyklyk, netijelilik we durmuş ugurlylygy kärdeşler arkalaşyklarynyň alyp barýan işiniň esasy çelgileri bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklary hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly we öňdengörüjilikli syýasatyny doly goldaýarlar, onuň ileri tutulýan ugurlaryny hemmetaraplaýyn wagyz edýärler hem-de raýatlyk parahatçylygynyň we jemgyýetiň jebisliginiň pugtalanmagyna, Watanyň rowaçlanmagyna goşant goşmaga ymtylýarlar.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi // “Türkmenistan” gazeti. 2019-njy ýylyň 26-njy sentýabry.

2. Конвенция о свободе объединений и защите права объединяться в профсоюзы // https://www.ilo.org/wcmsp5/groups/public/---ed_norm/---normes/documents/normativeinstrument/wcms_c087_ru.htm

3. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016 ý.

4. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009 ý.

5. “Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2013 ý., № 4, 73-nji madda.

6. “Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny // “Türkmenistan” gazeti. 2018-nji ýylyň 8-nji noýabry.

7. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019 ý.

# KONSTITUSION ÖSÜŞ: KÄMILLIGIŇ WE ROWAÇLYGYŇ ÝOLY

**Aşyrgeldi JUMAÝEW,**
***Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Raýat hukugy kafedrasynyň dosenti, hukuk ylymlarynyň kandidaty***

"Türkmenistan – rowaçlygyň Watany" diýlip yglan edilen 2019-njy ýylda belent sepgitlere ýetildi, halkyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilen özgertmeleriň täze tapgyry başlandy. 2019-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ikinji taryhy mejlisiniň gün tertibine Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary, şeýle hem ýurdumyzy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň möhüm meseleleri girizildi.

Halk Maslahaty döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli edaralary we jemgyýetçilik guramalary bilen özara gatnaşygy amala aşyrýar, welaýatlaryň halk maslahatlarynyň işiniň esaslarynyň kämilleşmegine ýardam berýär. Ýerli halk maslahatlary, öz gezeginde, ýokary wekilçilikli edaranyň – Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzüminiň emele gelmegine gatnaşýarlar.

"Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda" Türkmenistanyň Konstitusion kanunyna laýyklykda, bu wekilçilikli edaranyň düzümine döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralarynyň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň agzalary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň başlyklary, etraplaryň edara ediş merkezleri bolup durýan şäherleriň, şäherçeleriň arçynlary, syýasy partiýalaryň, kärdeşler arkalaşyklarynyň we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly saýlanýan jemgyýetçiligiň wekilleri girýärler. Agzalan resminamanyň 10-njy maddasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ygtyýarlyklary kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň çözgütleri kararlar görnüşinde onuň mejlislerine gatnaşýan agzalarynyň umumy sanynyň ýönekeý köplüginiň ses bermegi bilen kabul edilýär. Kararlaryň güýje girizilmegi ýa-da üýtgedilmegi hakynda kadalar degişli Kanunda berkidilen.

Hormatly Prezidentimiz özüniň taryhy çykyşynda: "Biz demokratik, hukuk we dünýewi döwlet gurluşyny saýlap alyp, özygtyýarly we erkin ösüş ýoluna ynamly gadam basdyk" diýip belledi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan ykdysadyýetini dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmagy başardy, sebit we dünýä derejelerinde goldanyldy. Muny döwlet Bitaraplygynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" atly Rezolýusiýalary bilen iki gezek ykrar edilmeginiň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna we Araly halas etmegiň halkara gaznasyna başlyklyk etmeginiň, BMG-niň köpsanly düzümlerine agzalyga saýlanmagynyň mysallarynda-da görmek bolýar.

Milli Liderimiz: "Türkmenistanyň hukuk ulgamyny özgertmekde we Esasy Kanunyny kämilleşdirmekde biz iň gowy dünýä tejribesinden, halkara ölçeglerden

ugur almalydyrys we halkara hukugyň esas goýujy kadalaryna eýermelidiris” diýip nygtady.

Halk Maslahatynda ýurdumyzyň kanun çykaryjy edaralarynyň düzümini mundan beýläk-de kämilleşdirmek, milli parlamentiň işini jemgyýetçilik ösüşiniň häzirki talaplaryna laýyk getirmek maksady bilen, birnäçe teklipler öňe sürüldi. Döwlet Baştutanymyz dünýä tejribesinden ugur alyp, iki palataly ulgama geçilmegini we Türkmenistanyň Halk Maslahatyny hem-de Türkmenistanyň Mejlisini wekilçilikli kanun çykaryjy häkimiýetiň wezipelerini amala aşyrýan edaralar ulgamyna goşmagy teklip etdi. Hormatly Prezidentimiz “Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek bilen bagly teklipleri işläp taýýarlamak hem-de umumylaşdyrmak boýunça konstitusion topary döretmek we onuň düzümini tassyklamak hakynda” Permana gol çekdi. Şeýle hem Konstitusion toparyň ýanynda Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça gelip gowuşýan teklipleri öwrenmek hem-de umumylaşdyrmak baradaky iş toparyny döretmegi teklip etdi.

Hil taýdan täze, iki palataly ulgama geçilmegi türkmen jemgyýetiniň ähli gatlaklarynyň bähbitlerine wekilçilik etmäge, hukuk ulanyş tejribesinde gözegçilik wezipesini amala aşyrmaga, deputatlaryň ýerlerde saýlawçylar bilen has ýakyn gatnaşyklaryny ýola goýmaga mümkinçilik döreder, kanunlaryň we milli maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi güýçlendirmäge itergi berer.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy – bu jemgyýetçilik we döwlet gurluşynyň esaslaryny, häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň döredilmeginiň, işlemeginiň tertibini hem-de ýörelgelerini, saýlawlar we salaşyklar ulgamynyň gurluşyny, raýatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny, döwlet we ýerine ýetiriji häkimiýetiň şahalarynyň gurluşyny, wezipeli adamlaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýän döwletiň Esasy Kanunydyr.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen çözgütler, hukuk resminamalary türkmen halkynyň milli demokratik ýörelgelerine eýermegiň, ata-babalarymyzyň baý tejribesini goldanmagyň, umumadamzat gymmatlyklaryny sarpalamagyň, öňdebaryjy dünýä tejribesini hasaba almagyň aýdyň mysaly bolup durýar. Bu hukuk resminamalary özüniň möhümligi we ykbal kesgitleýji häsiýete eýedigi bilen tapawutlanýarlar.

Konstitusiýa – her bir döwletiň hereket edýän kanunçylygynyň esas goýujy binýadydyr. Konstitusiýa sözi “constitutio” latyn sözünden emele gelip, “gurmak, dikeltmek, döretmek” diýen manylary aňladýar. Her döwletiň Konstitusiýasyna halkyň milli adatlaryna, däp-dessurlaryna, edim-gylymlaryna häsiýetli aýratynlyklar mahsusdyr.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň aýratynlygy – onuň agramly böleginiň adamyň tebigy we mizemez hukuklarynyň kepillendirilmegine gönükdirilenligindedir.

2019-njy ýylyň 4-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi we Konstitusion toparyň birinji mejlisi geçirildi. Onda “Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek bilen bagly teklipleri işläp taýýarlamak hem-de umumylaşdyrmak boýunça Konstitusion toparyň guramaçylyk işleri hakynda” Türkmenistanyň Konstitusion toparynyň Karary kabul edildi. Bu resminama bilen Konstitusion toparyň iş meýilnamasy tassyklanyldy we ýurdumyzyň kanun çykary-

jy edarasynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Konstitusion toparyň birinji mejlisinde edilen çykyşlarda döwlet Baştutanymyzyň başyny başlan giň gerimli oňyn özgertmeleriniň, ýurdumyzyň Esasy Kanunyny has-da kämilleşdirmek boýunça geçirilýän işleriň ähmiýeti hakynda bellenildi. Bu özgertmeleriň esasy maksady demokratik, hukuk we dünýewi döwletimiziň esaslaryny pugtalandyrmakdan we durmuş ugurly syýasy maksatnamalary amala aşyrmakdan ybaratdyr. Häzirki wagtda bu ugurda öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, çäreleriň tassyklanylan meýilnamasy esasynda Türkmenistanyň Mejlisinde degişli işler alnyp barylýar. Ilatyň syýasy-döwlet ähmiýetli çärä işjeň gatnaşmagy üçin ähli şertler döredilýär.

Milli kanun çykaryjy edaranyň işiniň iki palataly ulgama geçmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatynyň "Döwlet adam üçindir!" diýen esas goýujy ýörelgesini, adamy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde ykrar edýän konstitusion kadany mundan beýläk-de amal etmäge itergi berer. Geçirilýän konstitusion özgertmeler demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň täze sepgitlere ilerleýän ygtybarly hukuk binýady bolar.

2019-njy ýylyň 4-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça Konstitusion toparyň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň esasy maksady ýurdumyzyň kanun çykaryjy edarasynyň işiniň ýagdaýyna we onuň mümkinçiliklerine baha bermekden, ýerlerden topara gelip gowuşýan maglumatlary deslapdan umumylaşdyrmakdan, onuň geçen döwürde ýerine ýetiren işlerini ara alyp maslahatlaşmakdan ybarat boldy. Milli Liderimiz iki palataly parlamentiň maksatlaryny, wezipelerini we onuň öňünde durýan işleri kesgitlemek bilen baglanyşykly möhüm meseleleriň has netijeli çözgüdini taýýarlamagyň zerurdygyny nygtady.

Döwlet häkimiýet edaralary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen sazlaşykly hereket etmek Konstitusion toparyň netijeli işlemeginiň möhüm şerti bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň Konstitusiýasyna täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylan maddalaryň, şeýle hem üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilmeginiň demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň esaslaryny kämilleşdirmegiň ýolunda has uly üstünlikleri gazanmaga saldamly goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Konstitusion toparyň indiki mejlisini 2020-nji ýylyň fewral aýynda geçirmek meýilleşdirildi. Onda Konstitusiýa giriziljek maddalaryň taslamalaryna seretmek hem-de olary tutuş halkyň ara alyp maslahatlaşmagy üçin çap etmek göz öňünde tutulýar.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi // "Türkmenistan" gazeti, 2019-njy ýylyň 26-njy sentýabry.
2. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinden we Konstitusion toparyň birinji mejlisinden // "Türkmenistan" gazeti, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabry.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusion toparyň nobatdaky mejlisini geçirdi // "Türkmenistan" gazeti, 2019-njy ýylyň 5-nji dekabry.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2016 ý.
5. "Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda" Türkmenistanyň Konstitusion kanuny // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 4, 131-nji madda.

# ADMINISTRATIW ÖNÜMÇILIK HAKYNDA TÜRKMENISTANYŇ KANUNÇYLYGYNYŇ ÖSÜŞI

**Jumamyrat GURBANOW,**
***Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň doktoranty, hukuk ylymlarynyň kandidaty***

Mälim bolşy ýaly, ykdysadyýet we hukuk jemgyýetiň ösüşiniň has güýçli gurallary bolup, olaryň ylalaşykly hereketi döwletiň we jemgyýetiň ösüş derejesini ýokarlandyrýar: şahsyýetiň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi, döwleti dolandyrmagyň netijeliligi, ilatyň abadançylygy, şeýle hem döwletiň we jemgyýetiň durnukly ösüşi. Ykdysadyýetiň we hukugyň sazlaşykly hereketini üpjün etmek üçin ykdysadyýetiň kanunçylyk esasyny goýýan, hukugyň ykdysady ösüşe ýardam etmegine şert döredýän gural zerur bolup durýar.

Häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän, raýatyň we döwletiň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem döwlet dolandyryş edaralarynyň wezipelerini ýerine ýetirmeginiň we döwlet hyzmatlarynyň edilmeginiň bir bitewi (çarçuwaly) düzgünleriniň kanunçylyk taýdan berkidilmegi ykdysadyýetiň we hukugyň sazlaşykly hereketini üpjün etmegiň netijeli guraly bolup durýar.

Daşary ýurt tejribesiniň görkezişi ýaly, administratiw önümçilik bilen bagly meseleleri düzgünleşdirýän bitewi kanun döwlet edaralarynyň netijeli işlemegini üpjün edýär, hukuk ulanyş tejribesine oňyn täsirini ýetirýär. Administratiw kanunçylygyň we administratiw kazyýet ulgamynyň kämilleşdirilmegi raýat jemgyýetiniň döwlet häkimiýetine bolan ynamyny berkitmäge hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň, şol sanda telekeçilik çygryndaky gatnaşyklaryň durnukly ösüşini kepillendirmäge ýardam eder.

Biziň pikirimizçe, administratiw önümçiligi kanunçylyk tertibinde jikmejik işläp taýýarlamagyň we berkitmegiň zerurlygy birnäçe sebäpler bilen esaslandyrylandyr: Türkmenistanda hukuk döwletiniň ösüşiniň döwrebap şertleri; jemgyýetde demokratik başlangyçlary mundan beýläk-de ösdürmek; ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň işiniň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak.

“Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň (2017 ý.) esasy maksady – daşarky täsire eýe bolan we kesgitli hukuk netijelerine getirýän köpçülikleýin hukuk gatnaşyklary çygrynda anyk meseläni çözmegiň ähli döwürlerinde döwlet edaralarynyň hem-de fiziki/ýuridik şahslaryň arasynda gatnaşyklary gurmagyň bir bitewi ýörelgelerini we düzgünlerini döretmekdir.

Administratiw önümçilik arkaly döwletiň we şahsyýetiň arasyndaky gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy hukuk döwletiniň möhüm alamatlarynyň biri bolup durýar. Alymlaryň hukuk üpjünçilik meselesiniň hukuk döwletiniň nazaryýetinde we tejribesinde esasy orny eýeleýändigi baradaky pikiri bilen ylalaşmazlyk mümkin däl.

Administratiw hukuk ylmynda ýuridik proses dürli önümçilikleri gurşap alýar. Administratiw önümçiligiň umumy kabul

edilen düşünjesi – bu subýektleriň hukuklaryny we borçlaryny amala aşyrmagy üçin yzygiderli edýän hereketleriniň düzgünkadalar arkaly kesgitlenen tertibidir.

Administratiw önümçiligi kanunçylyk taýdan düzgünleşdirmek diýlip, administratiw edaralaryň hem-de fiziki/ýuridik şahslaryň arasynda gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň bir bitewi iş ýörediş düzgünleriniň girizilmegine, ýagny administratiw edaralar tarapyndan kesgitli aýratyn namalaryň kabul edilmegine, olaryň üýtgedilmegine, olara şikaýat edilmegine we ýatyrylmagyna düşünilýär.

“Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanuny administratiw edaralar tarapyndan administratiw namalaryň kabul edilmegi, ýerine ýetirilmegi ýa-da ýatyrylmagy bilen bagly amala aşyrylýan işiň hukuk esaslaryny, ýörelgelerini we önümçilik düzgünlerini belleýär. Kanunda administratiw önümçiligi amala aşyrmagyň esasy ýörelgeleri, umumy administratiw iş boýunça önümçiligi we aýratyn düzgün hereketlerini ýerine ýetirmegiň esaslary, şertleri, yzygiderliligi we bir bitewi tertibi kesgitlenen. Administratiw önümçilik amala aşyrylanda fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklary we borçlary, şeýle hem administratiw edaralaryň hem-de olaryň wezipeli adamlarynyň ygtyýarlyklary we borçlary bellendi.

Kanunda administratiw önümçiligiň amala aşyrylmagyna gatnaşýan, ilkinji nobatda, oňa gatnaşyjylaryň iş ýörediş ýagdaýyna uly üns berilýär. Olara administratiw namanyň kabul edilmegi ýa-da hereketiň amala aşyrylmagy barada haýyşnama bilen ýüz tutýan şahs; administratiw nama ýa-da hereket gönükdirilen şahs; administratiw nama ýa-da hereket bilen hukuklaryna ýa-da borçlaryna degip bilinjek şahs degişlidir (10-njy madda). Şol maddada administratiw edaranyň administratiw önümçilige gatnaşyjy hökmünde gös-göni görkezilmeýändigine garamazdan, administratiw önümçiligiň gatnaşyjylary bolup, düzgün bolşy ýaly, bir tarapdan, gyzyklanýan fiziki ýa-da ýuridik şahs, beýleki tarapdan, aýrybaşga administratiw namalary kabul etmek ýa-da hukuk hereketlerini amala aşyrmak hukugy berlen administratiw edara çykyş edýärler. Käbir ýagdaýlarda beýleki tarap hökmünde ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy çykyş edip biler.

Administratiw edara tarapyndan belli bir administratiw namanyň kabul edilmegine (kabul edilmezligine) ýa-da belli bir hereketleriň amala aşyrylmagyna (amala aşyrylmazlygyna) gös-göni gyzyklanma bildirmek administratiw önümçilige gatnaşyjy hökmünde fiziki ýa-da ýuridik şahslaryň hukuk ýagdaýynyň umumy alamaty bolup durýar.

Kanunda administratiw namalaryň mazmunyna we görnüşine, şeýle hem olary kabul etmegiň tertibine bildirilýän esasy ýörelgeler kesgitlendi: kanunylyk, kanunyň öňünde deňlik, administratiw önümçiligiň dessinligi we elýeterliligi, administratiw önümçilik amala aşyrylanda hyzmatdaşlyk, barabarlyk, ynamy goramak, inkiwizision ýörelge.

Kanunylyk ýörelgesi köptaraplaýyn häsiýete eýedir hem-de diňe ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna däl-de, eýsem, döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy ýa-da kazyýet şahalaryna hem degişli bolup durýar. Onuň mazmuny administrasiýanyň kanunyň çäklerindäki ygtyýarlyklaryny diňe olaryň predmeti boýunça amala aşyrmaga haklydygyny we borçludygyny göz öňünde tutýan kanunçylyk düzgünini döretmekde jemlenýär.

Kanunyň öňünde deňlik ýörelgesi administratiw önümçiligiň çäklerinde hemmeleriň kanunyň öňünde deňligi baradaky konstitusion ýörelgeden ugur alýar. Ol jynsyna, milletine, gelip çykyşyna we beýlekilere, şeýle hem guramaçylyk-hukuk görnüşine we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, arza bilen ýüz tutanlaryň hukuklaryny amala aşyrmak üçin deň şertleri döretmäge gönükdirilendir.

Administratiw önümçiligiň dessinligi we elýeterliligi ýörelgesi, birinjiden, administratiw önümçiligiň mümkin bolan gysga wagtda amala aşyrylmagyny, ikinjiden, islendik ýüz tutýan şahsyň anyk işi bilen baglylykda administrasiýa gös-göni ýüz tutulmagyna gadaganlygyň bolmazlygyny (gatnaşmak zerurlygy bolmazdan, mysal üçin, adwokatyň ýa-da wekiliň üsti bilen gatnaşmagy), üçünjiden, administratiw önümçiligiň muzdsuzlyk institutynyň döredilmegi, dördünjiden, ilkinji administratiw nama şikaýat bilen erkin ýüz tutmak düzgünini göz öňüne tutýar.

Administratiw önümçilik amala aşyrylanda hyzmatdaşlyk ýörelgesiniň manysy bu önümçilik amala aşyrylanda administratiw edaralaryň administratiw önümçiligi amala aşyrmak üçin zerur bolan ýüz tutma ibermek, resminama we (ýa-da) maglumat alyşmak arkaly, şeýle hem beýleki görnüşlerde bilelikdäki hereketlerinde we özara gatnaşyklarynda jemlenýär.

Barabarlyk ýörelgesi administrasiýanyň görýän çärelerini (derejesi, möçberi we beýlekiler boýunça) hem-de bar bolan ýagdaýlary deňeşdirmek zerurlygyny göz öňüne tutýar. Ol administratiw önümçiligiň ähli tapgyrlaryna, şol sanda subut etmek işine hem degişlidir. Bu ýörelge pozitiw administratiw namalar kabul edilende seýrek ýagdaýlarda, gorag, ýurisdiksion administratiw namalar kabul edilende köplenç ulanylýar.

Ynamy goramak ýörelgesi çözgütlere esaslanan hukuklary bolan adamyň administratiw edaranyň pikiriniň duýdansyz üýtgemegi netijesinde ejir çekmezligini göz öňünde tutýar. Şeýle bolan ýagdaýynda şahsy tarapyň hukuklarynyň öweziniň dolunmagy hökmanydyr.

Inkiwizision ýörelge ýa-da dogry barlamak ýörelgesi administratiw önümçiligiň kanunylygynyň talaplaryndan gelip çykýar. Çözgüt kabul edilmeginden ozal administratiw edara gulluk borjy boýunça işiň ähli ýagdaýlaryny barlamalydyr.

Görnüşi ýaly, administratiw edaralaryň wekilçiliginde döwlet bilen fiziki/ýuridik şahslaryň arasyndaky gatnaşyklar esasy hukuklaryň konstitusion kepilliklerine esaslanýan umumy ýörelgeleriň binýadynda düzgünleşdirilýär.

Administratiw önümçilik bu önümçiligi amala aşyrmak üçin zerur bolan ähli resminamalary we (ýa-da) maglumatlary almak we işlemek üçin talap edilýän wagtdan ugur alnyp kesgitlenýän möhletde amala aşyrylýar. Administratiw önümçiligi amala aşyrmak üçin bir aýdan köp bolmadyk möhlet bellenilýär.

“Administratiw nama” düşünjesi aýratyn üns berilmäge mynasyp bolup, oňa dürli hukuk ulgamlarynda dürlüçe düşünilýär. Bu tapawut, ozaly bilen, hukuk goragynyň serişdelerine baglydyr. Mälim bolşy ýaly, namalar kanunyň konsepsiýasyna hem-de administratiw hukugy ulgamynda administratiw edaralaryň we şahsy taraplaryň arasyndaky gatnaşyklara bagly bolýar. Üç çemeleşmäni tapawutlandyrmak gerek. Olaryň birinjisine laýyklykda, administratiw nama kanuny anyk ýagdaýda ulanmak bilen baglydyr. Ikinjisine laýyk-

3. Sargyt №43.

lykda, bu kanuna tabyn bolan we onuň tebigatyny beýan edýän islendik nama. Üçünjisine birinji we ikinji çemeleşmeleriň sazlaşygy diýip düşünmek bolar.

Administratiw nama administratiw edaranyň hukuk gatnaşyklary çygrynda anyk meseläni kadalaşdyrmak üçin kabul edýän çözgüdi, görkezmesi ýa-da gaýry häkimlik ediji çäresi bolup durýar. Şonuň bilen birlikde, çözgüdiň, görkezmäniň ýa-da gaýry häkimlik ediji çäräniň daşky täsire eýe bolmagy we onuň şol çäreler degişli bolan adamlar üçin belli bir hukuk netijelerini döretmegi administratiw namanyň hökmany şertidir (1-nji madda, 2-nji bölek).

Administratiw namanyň görnüşi baradaky mesele has çekeleşikli bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, daşary ýurt tejribesi administratiw namanyň ýazmaça görnüşi bilen çäklenmän, bu düşünjä has giňişleýin düşünilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär. “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanuny administratiw namanyň diňe ýazmaça görnüşini göz öňüne tutman, eýsem, bu hökmany düzgünde kadadan çykmalaryň bolmagyna hem ýol berýär.

Administratiw namada hukuk netijelerini döredýän daşarky täsiri kadalaşdyrmaga görkezmeleriň bolmagy uly ähmiýetlidir. Administratiw namanyň kabul edilmegi netijesinde şol namany kabul eden administratiw edara üçin pudak içi häsiýete eýe bolmadyk ýüz tutýan şahsyň, gyzyklanma bildirýän tarapyň hukuklaryny ýa-da borçlaryny kesgitleýän, üýtgedýän ýa-da bes edýän hukuk netijeleri döredilýär.

Gyzyklanma bildirýän tarap administratiw çözgüdi administratiw (kazyýete çenli) tertipde şikaýat etmek hukugyna eýe bolýar. Bu bozulan hukugy goramagyň has giň ýaýran usuly bolup, ol dürli sebäpler bilen, şol sanda agzalan serişdäni peýdalanmagyň ýönekeýligi, şeýle hem köplenç halatda onuň muzdsuz häsiýeti bilen düşündirilýär.

Mälim bolşy ýaly, administratiw önümçiligi amala aşyrmakda döwlet edaralarynyň hem-de fiziki/ýuridik şahslaryň özara gatnaşyklaryndaky esasy meseleleriň biri anyk administratiw namanyň kabul edilmegi däl-de, onuň ýerine ýetirilmegi bolup durýar. Şonuň üçin “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda administratiw namany ýerine ýetirmegiň tertibi we möhletleri düzgünleşdirilen. Administratiw namada beýan edilen borçlaryň ýerine ýetirilmegi administratiw nama gönükdirilen şahsa degişli hereketleri ýerine ýetirmäge ýa-da şol hereketleri etmekden saklanmaga borçludygyny aňladýar. Administratiw edara diňe bir administratiw namany kabul etmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge hem borçludyr.

Administratiw önümçilik hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň kadalaryna geçirilen gysgaça seljermäniň netijelerini jemläp, “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen administratiw-önümçilik kanunçylygy kämilleşdirildi we häzirki zaman iş tejribesiniň umumy ösen düzgünlerine laýyk getirildi diýen netijä gelmek bolýar. “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda iş tejribesinde ulanmak üçin zerur bolan administratiw önümçiligi alyp barmagyň esasy ýörelgeleri berkidildi. Administratiw önümçilik hakynda kanunyň kadalarynyň amala aşyrylmagy fiziki we ýuridik şahslaryň döwlet edaralary bilen özara gatnaşyklaryna gatnaşmak işini ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berer, şeýle hem administratiw edaralaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam eder.

# ZÄHMET GATNAŞYKLARYNY GURAMAGYŇ HUKUK ESASLARY

**Merjen BORJAKOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri*

Türkmenistanda ähli ugurlarda amala aşyrylýan özgertmeler adamyň mynasyp durmuşda ýaşamagyny, abadançylygy üpjün etmäge we ýurduň her bir raýatynyň şahsy ukyp-başarnyklaryny ulanmagy üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagy ýurduň raýatlarynyň döredijilik mümkinçilikleriniň artmagyna ýardam edýär. Adam hakyndaky alada döwlet Baştutanymyzyň syýasatynyň esasy ýörelgesi bolmak bilen, “Döwlet adam üçindir!” diýen şygarda anyk beýanyny tapdy.

Adam kapitalynyň ähmiýeti, bilimiň ýurduň ösüş tizligine, ykdysady kuwwatyna edýän täsiri milli kadalaşdyryjy-kanunçylyk binýadyň kämilleşdirilmeginiň ileri tutulmagyny şertlendirýär.

Türkmenistanda saýlap alan hünäriňe, islegiňe görä zähmet çekmek, erkin döretmek üçin zerur mümkinçilikler bar. Döredijilikli, netijeli zähmet – abadançylygyň çeşmesidir.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy döwrüň talaplaryny hem-de adamyň we raýatyň bähbitlerini nazara alyp, halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirilýär. Her bir adamyň döredijilik, intellektual mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek, zähmeti guramak, zähmetiň netijeliligini gazanmak, hünärmenleriň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak zähmet gatnaşyklarynyň esasy düzüm bölegini emele getirýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, raýatlaryň zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine, durmuş üpjünçiligine hukugy bardyr. Hormatly Prezidentimiz halal zähmet bilen jemgyýetiň esasy baýlygynyň döredilýändigini, türkmen jemgyýetinde üstünlikleriň gazanylýandygyny nygtaýar. Adam zähmet arkaly durmuşy söýmegi we gadyrlanmagy öwrenýär.

Türkmenistanda adam mümkinçiliklerini ösdürmek ýurdy ösdürmegiň strategiýasynyň ileri tutulýan ugry hökmünde kesgitlenildi, ilaty iş bilen üpjün etmek, durmuş üpjünçiligi çygrynda kanunçylygy kämilleşdirmek, ilaty durmuş taýdan goramagyň ulgamyna täze usullary girizmek, zähmeti dolandyrmagyň mehanizmlerini döretmek, zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça işleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, zähmeti guramak we goramak boýunça alnyp barylýan işler döwrebap ösüşlere beslendi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kadalaryna esaslanan zähmet hukugy halkara hukuk namalaryna, şol sanda Halkara zähmet guramasy tarapyndan kabul edilen, Türkmenistanyň 1996-njy ýylda goşulan esas goýujy konwensiýalaryň kadalaryna laýyk gelýär. Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine laýyklykda, raýatlaryň zähmet hukuklaryny we kepilliklerini üp-

jün etmek, zähmet gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, zähmeti goramak hem-de guramak meseleleri milli zähmet kanunçylygynyň kadalarynda öz beýanyny tapýar. Zähmet kodeksinde kesgitlenilen kadalar eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, ähli edaralara, kärhanalara we guramalara degişli bolup durýar. Zähmet gatnaşyklary bilen bagly hukuk kadalarynyň ählisiniň Zähmet kodeksinde jemlenmegi we olaryň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary bilen utgaşdyrylmagy bu çygyrdaky gatnaşyklaryň kämil derejesini üpjün edýär.

Zähmet kodeksine üýtgetmeleri girizmek arkaly bu çygyrdaky hukuk namalarynyň yzygiderli kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär. 2018-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda kabul edilen "Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegine ýardam bermek, durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ugurlary boýunça taraplaryň bähbitlerini ylalaşmak Toparyň esasy wezipeleri hökmünde bellenilýär.

Ýurdumyzda zähmetiň, işiň netijeliligini, işgäriň zähmet gatnaşyklaryna gyzyklanmasyny artdyrmak, yhlasyny höweslendirmek üçin ähli şertler döredilýär. Edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň zähmet gatnaşyklarynyň kanuna laýyk guralmagy, işgärler bilen zähmet şertnamalarynyň baglaşylmagy hem-de beýleki resminamalaryň talabalaýyk alnyp barylmagy wajyp wezipeleriň hatarynda durýar. Zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama laýyklykda, iş berijiniň we işgäriň arasyndaky hukuklaryň we borçlaryň anyk kesgitlenmegi möhümdir.

"Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (2000 ý.) 40-njy maddasynda kärhananyň öz işini işgärleriň zähmetini ulanmak bilen amala aşyrýandygy, kärhananyň we işgäriň arasyndaky gatnaşyklaryň Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy, zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama bilen düzgünleşdirilýändigi berkidilýär.

Kärhana işgärlere Türkmenistanda bellenilen zähmet hakynyň iň pes möçberini, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini üpjün edýär, işgäriň janyna we saglygyna ýetirilen zyýan (zelel) üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýär. Kärhananyň işgärleriniň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy we meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy, pensiýa üpjünçiligi we durmuş goraglylygynyň çäreleri ýörite kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär. Şeýle hem kärhanany durmuş taýdan ösdürmegiň, zähmete hak tölemegiň görnüşiniň we ulgamynyň, zähmetiň we dynç almagyň düzgünleriniň, işgärleriň zähmetini goramagyň meseleleri, beýleki zähmet hem-de durmuş-ykdysady meseleler Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda köpçülikleýin şertnama bilen düzgünleşdirilip bilner (40-njy madda).

Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda, kärhanalarda zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş berijí tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär, hünär derejesi ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanýar.

Türkmenistanyň zähmet hukugy zähmeti netijeli guramak, işde gowy görkezijileri gazanmak, jemgyýetçilik önümçiligini üznüksiz, yzygiderli ösdürmek, adamlary maddy we ruhy taýdan gyzyklandyrmak ýaly meseleleriň çözgüdini tapmaga gönükdirilýär. Şu esasdan, Zähmet kodeksiniň ähli kadalarynyň içinden işgäriň we gullukçynyň zähmetiniň guralyşyny kämilleşdirmek, zähmet düzgün-nyzamyny berkitmek, zähmeti goramak we beýleki wajyp meseleler eriş-argaç bolup geçýär.

Kärhananyň işini netijeli we döwrebap guramak işi onuň ähli düzümleriniň we bölümleriniň ýakyndan gatnaşygyny goldamak, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek, her bölümiň hukuklaryny, borçlaryny, wezipelerini takyklaşdyrmak, şeýle hem ýerine ýetirýän işiniň aýratynlygyny hasaba alyp, ýörite bölümiň iş önümçiligini ýöretmek bilen bagly çäreleriň toplumynyň geçirilmegini öz içine alýar. Zähmeti guramagy kämilleşdirmekde onuň netijeliligini gazanmak üçin ulgamlaýyn we toplumlaýyn çemeleşme talap edilýär. Şunda kärhanalarda zähmetiň guralyşy ygtybarly we netijeli usul bolmak bilen, ylmy nazaryýete we tejribä daýanýar. Kärhanalarda zähmet gatnaşyklarynyň guralyşynyň umumy ugurlary ylmy edebiýatlardaky alymlaryň garaýyşlarynda öz beýanyny tapdy. Düzgün bolşy ýaly, alymlaryň nukdaýnazarlary kärhanalarda umumy hukuk işini guramakda kanunçylyk we netijeli tejribäni ulanmagyň ähmiýetli ugurlaryny delillendirýärler.

Kärhanalarda ylmy esasda zähmeti guramak – çylşyrymly we köptaraplaýyn işdir. Şeýle çäreleri durmuşa ornaşdyrmakda, ilkinji nobatda, zähmet bölünişigini, iş ýerleriň we şertleriň talabalaýyk bolmagyny dogry ýola goýmak, öňden hereket edýän netijeli usullary täze usullar bilen utgaşdyrmak, zähmet düzgün-nyzamyny berkitmek, hünär taýdan taýýarlykly, zerur bolan hünärmenler bilen üpjün etmek, zähmete hak tölemegi ylmy taýdan esaslandyrmak boýunça wezipeleri çözmegiň wajyplygyny şertlendirýär. Ýurtda ykdysadyýetiň we jemgyýetçilik durmuşynyň döwrebap ösüşi önümçiligiň öndürijilik kuwwatynyň ýokarlandyrylmagynyň zerurlygyny ýüze çykarýar. Esasy wezipe az zähmeti ulanmak bilen, önümçiligiň göwrümini giňeltmekden, önümiň hilini ýokarlandyrmakdan, ýokary düşewüntliligi gazanmakdan ybaratdyr. Bularyň ählisi geljekde zähmeti ylmy esasda guramagyň hasabyna önümçiligi giňden ýola goýmagyň, uly bolmadyk möçberde maýa goýmagyň, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň, girdejileri artdyrmagyň we işiň hilini gowulandyrmagyň oňyn çözgütlerini tapmaga itergi berer.

Zähmeti guramak – bu terbiýeçilik usulyny ulanmak arkaly taýýarlamakda we okatmakda höweslendirmek işidir. Zähmet çekmegiň dowamynda işgärler kesgitli maksatlara gönükdirilen ýörite işleri ýerine ýetirýärler. Zähmet serişdeleri, gurallary zähmet predmetine täsir edýärler. Şu üç düzümiň (zähmet predmetiniň, serişdeleriniň we zähmetiň (fiziki we akyl) özüniň) özara gatnaşygynyň utgaşyklylygyny saklamak zähmeti guramagyň maksady bolup durýar. Şeýlelikde, edaralarda, kärhanalarda zähmeti guramagyň tertibini kesgitlenilende adamyň zähmet işjeňligini, zähmet öndürijiligini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen kesgitli çäreleri geçirmek arkaly az möçberde zähmeti we maddy serişdeleri sarp etmek bilen ýokary öndürijiligi gazanmagy maksat edinýär.

Häzirki zaman şertlerinde ylmyň gazananlaryny ulgamlaýyn önümçilige ornaşdyrmak, tejribe alyşmak esasynda zähmeti guramak maksadalaýyk hasaplanylýar. Bularyň ählisi önümçiligiň barşynda adamyň we tehnikanyň işiniň utgaşdyrylmagy, zähmet resurslarynyň we serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagyny, zähmet öndürijiliginiň üznüksiz ýokarlandyrylmagyny, işgärleriň saglygynyň goralmagyny üpjün edýär, şeýle hem zähmet onuň ilkinji durmuş zerurlygyna öwrülýär.

Kärhanalarda zähmeti ylmy esasda guramak üçin toplumlaýyn çäreler amala aşyrylýar. Olar önümçilikde işçi güýçleriniň zerurlygyna görä, bilim we hünär derejesini ýokarlandyrmagy üpjün etmek, zähmet bölünişigi we hünärmenleri ýerli ýerinde goýmak, önümçilikdäki zähmet serişdelerini kämilleşdirmek bilen bagly çäreleri özünde jemleýär. Zähmet şertleriniň gowulandyrylmagy, hünärmenleriň gaýtadan taýýarlanylmagy we hünäriniň ýokarlandyrylmagy, zähmet düzgün-nyzamynyň berkidilmegi, bäsdeşligiň we döredijilikli işjeňligiň ýokarlandyrylmagyny guramak bilen bagly çäreleriň oňyn netijeleri berýändigine ylmy edebiýatlarda aýratyn üns berilýär.

Edaralarda, kärhanalarda, guramalarda eýeçiliginiň we guramaçylyk-hukuk görnüşlerine garamazdan, zähmetiň netijeli guralmagy, ilkinji nobatda, kanunçylykda bellenen hukuklaryň, zähmeti guramagyň kadalarynyň berjaý edilmegini üpjün edýär. Şonuň bilen, zähmeti hukuk, usuly we ylmy esasda guramak hem-de kämilleşdirmek zähmet gatnaşyklarynda ýüze çykýan hukuklary we borçlary amala aşyrmakda netijeliligi ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2016 ý.
2. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009 ý.
3. “Kärhanalar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny // Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2000 ý., № 2, 13-nji madda.
4. “Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny // “Türkmenistan” gazeti. 2018-nji ýylyň 8-nji noýabry.

# DEŇHUKUKLYLYK WE RAÝDAŞLYK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN JEMGYÝETÇILIK ÖSÜŞI

**Gulýa ÇÖREKLIÝEWA,**
*“Ýeňme” jemgyýetçilik guramasy*

Biziň dünýämizi özümizden başga hiç kimiň gowulyga tarap üýtgedip bilmejegi hakykat. Adamlar bir-birine ýagşylyk edende, dünýä has-da gözelleşýär. Her bir adam munuň şeýledigine düşünmek bilen akyl ýetirýär. Jemgyýetde kän bir göze ilmeýän kärler bar, emma olar durmuşda ägirt uly orny eýeleýär. Şolaryň biri-de – durmuş pudagynyň işgäri.

Durmuş taýdan goldamak we goramak – bu kuwwatly döwletiň möhüm, kesgitleýji tarapy, ýurduň ösüşiniň görkezijisidir. Durmuş pudagynyň işgäri kär hökmünde adamlaryň özara gatnaşyklarynyň meselelerini çözmäge ýardam edýär, adamlaryň jemgyýetdäki özbaşdak durmuşyny işjeňleşdirýär.

Ösüş aýratynlyklary bolan çagalar, beden taýdan mümkinçilikleri çäkli adamlar, gartaşan aýallar hem-de goldawa mätäçler üçin durmuş taýdan jogapkärçilik ýörelgelerinden ugur almak bilen, 2012-nji ýylda “Ýeňme” atly gurama döredildi.

Guramanyň wezipesi adamlaryň kesgitli toparyna durmuş taýdan goldaw bermekden, hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan, olary jemgyýete uýgunlaşdyrmakdan we goşmakdan ybarat bolup durýar. “Ýeňmäniň” işi çagalaryň, aýallaryň, gartaşan adamlaryň we beýleki benefisiarlaryň durmuş taýdan uýgunlaşmagyna gönükdirilen maksatnamalara esaslanyp, ösüş aýratynlyklary bolan çagalara hem-de beden taýdan mümkinçilikleri çäkli adamlara goldaw bermegi ileri tutýar. Bu adamlara diňe durmuş kömegini alýan obýektler däl-de, eýsem, ozaly bilen, guramanyň işgärleriniň goldaw bermeginde öz dikeldiş maksatnamasyny amala aşyrmaga işjeň gatnaşýan bilermenler hökmünde garalýar. Inklýuziýa we goşulmak “Ýeňme” jemgyýetçilik guramasynyň işiniň esasy ýörelgeleridir.

Häzirki wagtda şu durmuş maksatnamalary amala aşyrylýar:

- beden taýdan mümkinçilikleri çäkli bolan adamlary dikeltmek;
- ösüş aýratynlyklary bolan çagalara düzedijilik ähmiýetli terbiýe bermek we olaryň döredijilik taýdan goşulyşmagy;
- maşgalany goldamak we ene-atalar ulgamyny ösdürmek;
- durmuş, ruhy we hukuk taýdan goldamak;
- sagdyn durmuş ýörelgeleri, heläkçilikleriň töwekgelçiligini azaltmak, adam söwdasyna garşy hereket etmek, reproduktiw hukuklar we gender deňligi, hukuk medeniýeti, telekeçiligiň esaslary ýaly meseleler babatda ilatyň habarlylygyny artdyrmak boýunça maglumat beriş çäreleri;
- mümkinçilikleri artdyrmak we hünär endiklerini öwretmek, işe ýerleşmäge ýardam etmek;
- meýletinçilik hereketini ösdürmek.

“Özboluşly çaga” maksatnamasy guramanyň wajyp maksatnamalarynyň biri bolup durýar. Çaganyň bähbitleri “Ýeňme” jemgyýetçilik guramasynyň hünärmenleri üçin çözgütlerde we hereketlerde binýat hökmünde çykyş edýär. Biziň baş

maksadymyz özbaşdak durmuşa taýýarlanmakda çaga kömek etmek, olary durmuşa uýgunlaşdyrmak bolup, şunda çagalaryň ösüşinde maşgalanyň ornuny giňeltmek zerurdyr. Irki ösüş maksatnamasyny amala aşyrmak bilen, biz BMG-niň Türkmenistandaky Çagalar gaznasy (ÝUNISEF), Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen işjeň gatnaşyklary saklaýarys. Netije aýdyň: çagalaryň maksatnamalara goşulmagy – bu maýyplygy azaltmak bolup, gürrüňsiz, döwlet we jemgyýet üçin ykdysady taýdan amatly bolup durýar.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi bilen hyzmatdaşlyk edilmegi netijesinde “Ýeňme” her aýda çagalary ene-atalary bilen bilelikde “Daýanç” şypahanasyna ugradýar. Hazar deňziniň kenarynda saglygy dikeltmek boýunça maksatnamanyň esasynda beden taýdan mümkinçilikleri çäkli bolan çagalaryň eýýäm 500-si göwnejaý dynç aldylar.

Ippoterapiýa saglygy dikeltmegiň bir görnüşi hökmünde at münmek arkaly bejeriş usulyny göz öňünde tutýar. At münende çaganyň ähli beden agzalary işläp başlaýar, atyň yrgyldyly hereketleri beýniniň çuň düzümlerine itergi bermäge ýardam edýär. Munuň özi çaganyň ýagdaýyna beden we ruhy taýdan oňyn täsirini ýetirýär. Bu türgenleşiklerde “Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň ýardam etmeginde beden taýdan mümkinçilikleri çäkli bolan çagalara manež we atlar ulanmaga berildi.

“Ýeňmäniň” işgärleri öz işinde inklýuziwlik ýörelgesini goldanýarlar. Onuň manysy elýeterlilik esasynda gatnaşygy göz öňüne tutýar. Bu ýörelge Gökdere jülgesinde ýerleşen dynç alyş merkezlerinde her ýyl çagalar we olaryň ene-atalary üçin geçirilýän çärelere hem degişlidir.

Çagalaryň döredijilik taýdan goşulyşmagy olaryň uýgunlaşmagynyň möhüm bölegi bolup durýar. Ösüş aýratynlyklary bolan çagalaryň hem-de beden taýdan mümkinçilikleri çäkli adamlaryň döredijilik kuwwatynyň artmagy gözýetimi giňeldýär: olar diňe milli çärelere däl-de, eýsem, halkara çärelerine gatnaşyp, ýurdumyza mynasyp wekilçilik edýärler. “Ýeňme” guramasy her ýyl Russiýa Federasiýasynyň at gazanan artisti Diana Gurskaýa tarapyndan guralan “Белая трость” (“Ak hasa”) festiwalyna gatnaşýar. Bu halkara festiwalynda göreji bozulan çagalar aýdym aýtmakda ussatlyk görkezýärler. Şeýle festiwallara gatnaşylmagy çagalaryň arasynda zehinlileri ýüze çykaryp, olary işjeň durmuş ýörelgesine iterýär.

2019-njy ýylda çagalar döredijiliginiň 1-nji inklýuziw festiwalyny geçirdik. Oňa ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan çagalar gatnaşdylar. Beden taýdan mümkinçilikleri çäkli çagalaryň sagdyn çagalar bilen festiwala deň derejede gatnaşyp, öz ussatlyklaryny görkezmäge çalşyp, biri-birine ynam we hormat bilen çemeleşendiklerini aýratyn bellemek gerek.

Saglygy berkitmek, sportuň ähmiýetine düşünmek hem-de işjeň, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek maksady bilen, inklýuziw sport çäreleri geçirilýär, olara tutuş maşgala – çagalar, ejekakalar, ene-atalar gatnaşýarlar. Şeýle çäreler maşgalalary öz çagalarynyň saglygy ugrundaky göreşde jebisleşdirýär.

Ekologiýa sowatlylygyny artdyrmak möhüm maksatnama bolup durýar. Her ýylyň ýaz paslynda “Ýeňme” guramasynyň işgärleri şäheriň daş-töweregindäki tebigata gezelençleri guraýarlar hem-de





şol ýerlerde ekologiýa medeniýetini ýokarlandyrmak, tebigy gurşaw barada alada etmek maksadynda körpeler üçin çäreleri geçirýärler.

Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň goldaw bermeginde biz beden taýdan mümkinçilikleri çäkli bolan oglanlar we gyzlar üçin Hünär ösüşiniň ýaşlar merkezini açdyk. Bu ýerde ýaşlar kompýuter sowatlylygy hem-de tikinçilik işi boýunça bilim alýarlar. Oglanlar we gyzlar geljekde durmuşda ýaramly boljak ukyp-başarnyga eýe bolýarlar, iň esasy zat bolsa, olaryň özüne, geljegine bolan ynamy artýar. Diýmek, durmuş taýdan uýgunlaşmaga tarap ilkinji ädim ädildi.

“Ýeňme” guramasy beden taýdan mümkinçilikleri çäkli çagalary bolan maşgalalara olar üçin möhüm meseleleri çözmekde ruhy we hukuk kömegini berýär. Munuň özi maşgala diňe bir bitewi topary düzmäge däl-de, eýsem, beýleki çagalara we olaryň ene-atalaryna ýardam etmäge mümkinçilik döredýär. Bu babatda döredilen Ene-atalar ulgamy uly goldaw boldy. Işiň baş ýörelgesi: “Ene-atalara bilim bermek bilen, çagalara sowat öwredýäris”.

Gurama öz işinde gender meselesine aýratyn üns berýär. Beden taýdan mümkinçilikleri çäkli aýallaryň mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça ýörite maksatnama işlenip taýýarlanyldy. Dünýä köpdürlüligi bilen ajaýypdyr, munuň şeýledigini şol maksatnama gatnaşýan aýallar subut edýärler. Olar jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşmaga, üstünliklerini we eýe bolan mümkinçiliklerini açyp görkezmäge çalyşýarlar. Beden taýdan mümkinçilikleri çäkli aýallaryň durmuşa uýgunlaşmagynyň baş ýörelgesi işjeň durmuş garaýşynyň bolmagy bilen baglydyr. Şonuň netijesinde olaryň özüne ýeterlikli şahsyýet derejesi ýokarlanýar. Gözellik bäsleşikleri, konsertler, şygryýet agşamlary, sowgatlyk önümleriň sergileri ýaly döredijilik we sport çärelerine, mümkinçilikleri ýokarlandyrmak boýunça tälim okuwlaryna gatnaşmak bilen, olar agzalan ýörelgäniň üstünlikli amala aşyrylmagyna ýardam edýärler.

Gartaşan raýatlaryň, ýalňyz pensionerleriň bähbitleri, olara ýaşaýyş-durmuş, psihologiýa we beýleki kömekleri bermek hem guramamyzyň üns merkezinde durýar. “Altyn ýaş” maksatnamasynyň çäklerinde dynç alyş, tematiki agşamlar, uruş weteranlaryny hormatlamak, Halkara ýaşulular gününi baýram etmek ýaly çäreler geçirilýär. Olaryň maksady gartaşan adamlaryň meselelerine jemgyýetçiligiň ünsüni çekmekden, jemgyýetiň demografiýasy, gartaşan adamlaryň durmuş hajatlary we olaryň jemgyýetiň ösüşine goşandy barada köpçüligi habarly etmekden ybarat bolup durýar. Eger adamyň jany sag, ruhy belent, güýç-gaýraty ýeterlik bolup, ol jemgyýetçilik, sport durmuşyna işjeň gatnaşýan bolsa, garrylyk onuň üçin şertli düşünje bolup durýar.

Durmuş hyzmatdaşlygy döwlet, halkara we işewürlik düzümleri bilen üstünlikli gatnaşyklaryň esasydyr. Hut hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşykda ýurduň raýatlarynyň durmuşyny gowulandyrmaga gönükdirilen maksatnamalar amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Mejlisiniň, ýurduň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň wekilleri bilen bilelikde okuw maslahatlarynda, “tegelek stollarda” inklýuziw bilim, elýeterli gurşaw we durmuş ulagy meseleleri we beýlekiler ara alnyp maslahatlaşylýar. Mysal üçin, Migrasiýa baradaky halkara guramasy bilen bilelikdäki işleriň çäklerinde “Şelter” taslamasy amala aşyrylýar. Onda benefisiarlar dikeldiş we reintegrasiýa maksatnamalaryna gatnaşýarlar, daşary ýurtlara gidilende töwekgelçilikler hakynda ilatyň habarlylygyny ýokarlandyrmak boýunça maglumat beriş çäreleri geçirilýär. Şeýle hem Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň ilatyň hukuk sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça taslamasy hem-de ABŞ-nyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň beden taýdan mümkinçilikleri çäkli çagalary bolan maşgalalary durmuşa uýgunlaşdyrmak boýunça taslamasy amala aşyryldy.

“Ýeňme” guramasynyň ýurdumyzda hem, onuň çäklerinden daşarda hem belent abraýy bar. Guramanyň hünärmenleri milli we halkara maslahatlaryna, “tegelek stollara” we okuw maslahatlaryna işjeň gatnaşýarlar. “Ýeňme” topary durmuş maksatnamalarynyň netijeli işleýändiklerine, uzakmöhletleýin netijäni ugur edinýändiklerine hem-de deň mümkinçilikler jemgyýetine oňyn özgerişlikleri getirýändiklerine guwanýar.

2019-njy ýylyň 4-nji oktýabrynda "BMG-niň adam hukuklary boýunça mehanizmleriniň maslahatlaryny ýerine ýetirmek üçin maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak" atly okuw maslahaty geçirildi. Ol Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty tarapyndan Adam hukuklary boýunça Ygtyýarly wekiliň (Adalatçy) diwany hem-de BMG-niň Türkmenistandaky Ösüş maksatnamasy BMG-niň Adam hukuklary baradaky Ýokary komissarynyň Müdirliginiň (AHÝKM) Sebit bölümi bilen bilelikde guraldy.

Çärä Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň Iş toparynyň agzalary, şeýle hem BMG-niň Türkmenistanda işleýän agentlikleriniň wekilleri hem-de BMG AHÝKM-niň Sebit bölüminiň halkara bilermenleri gatnaşdylar.

Mejlisiň dowamynda hasabatlary taýýarlamak we geljekki işleri, düzgünkadalary, maslahatlary amala aşyrmak boýunça milli mehanizmlere garaldy, BMG-niň adam hukuklary boýunça mehanizmleriniň maslahatlaryny ýerine ýetirmek üçin maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň oňyn tejribeleri tanyşdyryldy. Çärä gatnaşyjylar BMG-niň hem-de AHÝKM-niň agza döwletlerinde Maslahatlaryň maglumatlar binýatlary bilen tanyşdylar.

Amaly ýumuşlaryň barşynda gatnaşyjylar Maslahatlaryň maglumatlarynyň milli binýatlary bilen işlediler, olary saklamagyň we dolandyrmagyň düzgünleri bilen tanyşdylar.

۞ ۞ ۞

2019-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynda "tegelek stol" geçirilip, oňa Institutyň ylmy işgärleri we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Çäräniň dowamynda daşary ýurt döwletleriniň iki palataly parlamentleriniň işini düzgünleşdirýän konstitusiýalarynyň we kanunlarynyň deňeşdirme-hukuk barlaglary bilen bagly soraglara seredildi.

Türkmen halkynyň döwletlilik we hukuk taryhy demokratik däpler we hukuk medeniýeti babatda gyzykly maglumatlaryň ençemesini özünde jemleýär. Jemgyýet we döwlet üçin möhüm meseleler, däbe görä, wekilçilikli umumyhalk ýygnaklarynda – maslahatlarda, geňeşlerde, gurultaýlarda çözülipdir. Türkmenistan döwlet-hukuk ulgamyny döretmekde we ösdürmekde milli däpleri dünýä tejribesiniň öňdebaryjy gazananlary bilen utgaşdyrýan ugry saýlap aldy.

Institutyň işgärleriniň geçiren seljerme işleriniň netijesinde dürli ýurtlaryň parlamentleriniň işi, olaryň gurluşy hem-de wekilçilikli düzümi, deputatlaryň ygtyýarlyklarynyň möhletleri we beýlekiler bilen tanyşdyryldy.

۞ ۞ ۞

2019-njy ýylyň 6-njy noýabrynda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we de-

mokratiýa institutynyň we BMG-niň Türkmenistandaky Ilat gaznasynyň arasyndaky 2019-njy ýyl üçin Iş meýilnamasynyň çäklerinde okuw maslahaty geçirildi.

Çärä Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň Iş toparynyň agzalary, şeýle hem ÝUNFPA-nyň halkara maslahatçysy hanym Aýsel Wazirowa gatnaşdylar.

Mejlisiň dowamynda Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Milli Hereketleriň Meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine baha bermegiň usulyýeti bilen tanyşdyryldy, bu ugurdaky işleriň deslapky netijeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Okuw maslahatyna gatnaşyjylar Iş toparynyň netijeli işlemegi üçin şeýle çäreleriň geçirilmegine gyzyklanma bildirip, olary geçirip durmagyň zerurdygyny bellediler.

2019-njy ýylyň 7-8-nji noýabrynda Türkmenistanda Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlyk jemgyýetiniň (GIZ) ýardam etmeginde “Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam” atly Sebitleýin maksatnamanyň çäklerinde administratiw hukugy boýunça halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Forumyň temasy “Administratiw önümçilige we administratiw işine gatnaşyjylar” diýlip atlandyryldy. Maslahatyň işine ýurdumyzyň degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň wekilleri, şeýle hem Awstriýanyň, Azerbaýjanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Polşanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň we Şweýsariýanyň hukuk ulgamynda işleýän halkara bilermenleri gatnaşdylar.

Çärä gatnaşyjylar çykyşlarynda ýurdumyzda administratiw kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça depginli işleriň geçirilýändigini bellediler. 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanuny güýje girdi. Durmuş-hukuk ähmiýetli bu hukuk nama administratiw önümçiligiň institutlarynyň netijeli işlemeginiň ugurlaryny, gymmatlyklaryny we ýörelgelerini kesgitleýär. Kabul edilen Kanun halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny we daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesini ulanmagyň mysaly bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda Administratiw-iş ýörediş kodeksiniň taslamasy işlenip taýýarlanylýar.

Çäräniň dowamynda gatnaşyjylar administratiw işiniň nazaryýeti we tejribesi boýunça çekişmeleri geçirdiler, öz ýurtlarynda administratiw kazyýet ulgamyny döretmek boýunça pikir we tejribe alyşdylar.

2019-njy ýylyň 12-nji noýabrynda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynda “Merkezi Aziýada hukuk döwlet gurluşyna ýardam” atly (GIZ) Sebitleýin maksatnamanyň çäklerinde raýat hukugy babatda halkara bilermen professor Rolf Kniperiň we Bremen şäheriniň raýat işleri boýunça kazysy jenap Haýnrih Ştingeriň gatnaşmagynda “tegelek stol” geçirildi.

Institutyň ylmy işgärleri raýat işlerine garamak we hukugyň bu ulgamynda geçirilýän amaly işleriň halkara tejribesi bilen tanyşdylar. Çäräniň ahyrynda

oňa gatnaşyjylar raýat hukugyny amala aşyrmak babatda möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

۞ ۞ ۞

2019-njy ýylyň 24-nji noýabrynda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynda Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Çärä Türkmenistanyň Mejlisiniň, ýurdumyzyň käbir ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Onuň gün tertibine 2019-njy ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijelerini jemlemek bilen bagly meseleler, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň maksatnamalaýyn çykyşlaryndan gelip çykýan möhüm wezipeler girizildi. Şeýle hem milli kanunçylyk binýady kämilleşdirmek, ony halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk getirmek boýunça teklipleriň taýýarlanylmagyna aýratyn üns berildi.

Ýygnananlar hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleri seljermek bilen, Türkmenistanyň abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmegiň ýurdumyzyň bähbitlerine, milli Liderimiziň alyp barýan syýasatynyň wezipelerine we maksatlaryna laýyk gelýändigini biragyzdan bellediler.

۞ ۞ ۞

2019-njy ýylyň 25-nji noýabrynda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynda häzirki zaman jemgyýetçilik durmuşyna hem-de diniň döwletiň we jemgyýetiň sazlaşykly ösüşinde eýeleýän ornuna bagyşlanan “tegelek stol” geçirildi.

Däbe öwrülen duşuşyga ýurdumyzda bellige alnan dürli dinleriň gullukçylary, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň, Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekiliň diwanynyň we beýleki döwlet edaralarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Duşuşygyň barşynda açyk gepleşikler geçirilip, gatnaşyjylar din aňyna ahlak çelgileriniň we ynsanperwer garaýşyň mahsuslygy, sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmekde onuň orny barada bellemek bilen, adam hukuklaryny goramak babatda döwletiň kabul eden anyk çärleri barada düşünje aldylar.

Türkmenistan adam hukuklary babatda köp sanly konwensiýalaryň gatnaşyjysy bolup, halkara borçnamalaryny, şol sanda dine uýmak babatda halkara borçnamalaryny üýtgewsiz we yzygiderli ýerine ýetirýär. Milli kadalaşdyryjy-kanunçylyk binýadyň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi demokratik özgertmeleri çuňlaşdyrmaga, raýat jemgyýetini ösdürmäge gönükdirilendir.

۞ ۞ ۞

2019-njy ýylyň 27-28-nji noýabrynda BMGÖM-niň hem-de Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň arasynda 2018-2020-nji ýyllar üçin gol çekilen taslama resminamasynyň çäklerinde okuw maslahaty geçirildi.

Çärä Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýe-

rine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň Iş toparynyň agzalary, şeýle hem halkara bilermen Georgiý Tuguşi gatnaşdylar.

Çäräniň maksady etniki azlyklaryň wekilleri bilen geňeşmeleri geçirmegiň mehanizmini işläp taýýarlamak boýunça maslahatlary we tehniki goldawy bermekden ybarat boldy.

Mejlisiň barşynda etniki azlyklaryň hukuklaryny goramak boýunça milli kanunçylyk we mehanizmler, daşary ýurt tejribesi, hususan-da, Moldowanyň, Gruziýanyň, Bosniýanyň we Gersegowinanyň, Horwatiýanyň tejribesinde etniki azlyklar bilen işlemek boýunça kemsitmelere garşy mehanizmleriň nusgalary bilen tanyşdyryldy.

Iş mejlisiniň we çekişmeleriň dowamynda ýurdumyz üçin has kabul ederlikli nusganyň esasy düzümleriniň taslamasy işlenip taýýarlanyldy.

2019-njy ýylyň 29-njy noýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty tarapyndan Gyzyl Hajyň Halkara Komiteti bilen bilelikde guralan hem-de Türkmenistan gatnaşyjysy bolup durýan 1949-njy ýylyň Ženewa konwensiýalarynyň 70 ýyllygynyň baýram edilmegine bagyşlanan “Halkara ynsanperwer hukugynyň ornuny artdyrmak we ösdürmek” atly okuw maslahaty geçirildi.

Çärä Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň, Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklar institutynyň hem-de Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň we beýleki degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň wekilleri, şeýle hem GHHK-niň Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa ýurtlarynda hukuk meseleleri boýunça sebit utgaşdyryjysy jenap Andreý Kozik hem-de GHHK-niň Merkezi Aziýada hukuk meseleleri boýunça geňeşçisi hanym Liana Kurbanowa gatnaşdylar.

Mejlisiň dowamynda halkara we milli derejelerde halkara ynsanperwer hukugyny berjaý etmek, halkara ynsanperwer hukugy hakynda bilimleri ýaýratmagyň görnüşlerini we serişdelerini kämilleşdirmek hem-de ony milli kanunçylyga ornaşdyrmak, şeýle hem kiberhowpy, täze tehnologiýalary ösdürmek ýaly ýagdaýlarda halkara ynsanperwer hukugynyň kadalaryny ulanmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Çärä tejribeçileriň hem-de akademiki toparlaryň wekilleriniň gatnaşmagy gün tertibiniň diňe nazaryýet däl-de, eýsem, amaly ugurlarynda hem durup geçmäge mümkinçilik berdi. Bu bolsa, halkara ynsanperwer hukugyny milli derejede ornaşdyrmak babatda geljekki bilelikdäki taslamalaryň esasyny goýmaga ýardam etdi.

2019-njy ýylyň 9-10-njy dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa instituty, Adalatçynyň diwany tarapyndan BMG-niň Türkmenistandaky Ösüş Maksatnamasynyň hem-de BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Adam hukuklary bara-

daky Ýokary komissarynyň Müdirliginiň sebit wekilhanasynyň goldaw bermeginde “Adam hukuklary boýunça bilim” atly forum geçirildi.

Forumyň işine ugurdaş ministrlikleriň we pudak edaralarynyň wekilleri, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professorlarydyr mugallymlary, Türkmenistanda işleýän halkara agentlikleriniň wekilleri, adam hukuklary boýunça halkara bilermenler gatnaşdylar.

1950-nji ýyldan bäri halkara bileleşigi tarapyndan bellenilýän Adam hukuklarynyň gününe bagyşlanan çäre tematiki sessiýalarda geçirildi.

Foruma gatnaşyjylar öz çykyşlarynda Türkmenistanyň adam hukuklaryny ilerletmäge we goramaga hem-de Birleşen Milletler Guramasy bilen durnukly uzakmöhletleýin hyzmatdaşlyga ygrarly bolup galýandygyny bellediler. Ýurtda adam hukuklary babatda hereketleriň milli meýilnamalary, şol sanda adam hukuklary babatda bilimiň berilmegini göz öňüne tutýan meýilnamalar amala aşyrylýar.

Institutyň işgärleri adam hukuklary boýunça maglumat merkezleriniň bäşisiniň binýadynda tutuş ýurdumyzda adam hukuklary boýunça döwlet gullukçylarynyň, talyplaryň we jemgyýetçiligiň habarlylygyny artdyrmak babatda işleri yzygiderli geçirýärler.

Sessiýalaryň dowamynda adam hukuklary boýunça bilim babatda halkara kadalara bagyşlanan tanyşdyrmalar geçirildi, halkara we milli tejribä syn berildi. Şunuň bilen birlikde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin adam hukuklary boýunça bilimiň möhümdigine aýratyn üns berildi.

# INNOVATIVE DEVELOPMENT AND PROTECTION OF INTELLECTUAL PROPERTY IN THE DIGITAL ECONOMY

**Gahryman ROZIYEV,**
*Chairman of the Mejlis Committee of Turkmenistan on Science, Education, Culture and Youth Policy*
**Arslan MAMEDOV,**
*Senior Researcher of the Institute of State, Law and Democracy of Turkmenistan*

On September 25, 2019, a meeting of the Halk Maslahaty (People's Council) of Turkmenistan was held. Its agenda included priority tasks of the state's domestic and foreign policies, implementation of the country's political, economic, social and cultural development programs were put forward. One of the priorities of state policy is to solve the problems of introducing a digital system in the domestic economy. The Head of State emphasizes that the introduction of a digital system in the domestic economy should be considered as an important basis for the sustainable development of the state, assessed as a fundamental factor in improving the public administration system and the economy.

Currently, the country's ongoing program work on the digitalization of all spheres of the national economy, the introduction of scientific developments in production are of particular importance in the modernization of industries according to the requirements of the time. Accordingly, the development of all sectors of the economy is based on digital technologies that diversify the economy by industry and type of property, increase the production of volumes of import-substituting products, innovative industrialization and digitalization.

Since independence, Turkmenistan has achieved great success in all areas. At the present stage, our country demonstrates significant indicators in the development of the national economy. And these successes are the result of the competent and verified policy of esteemed President. An important feature of the ongoing qualitative changes in the economy is the rapid development of the services sector; there appeared such practically new service sectors for our economy as a modern banking system, audit, insurance, leasing, consulting, cellular services, video communications, the Internet, etc.

As you know, in the concept of the socio-economic development of the state, the digital economy, based on scientific and theoretical knowledge and extensive practical experience, plays a leading role. Under the leadership of the Head of State, the tasks of creating a highly developed society and further strengthening the foundations of the state are being successfully solved; all conditions are created for a prosperous and happy life for every citizen. Hence, on June 12, 2019, at the meeting at the Academy of Sciences, in order to further accelerate the country's socio-economic development, increase the role of science in the development of the economy through the use of advanced technologies, innovations and scientific achievements, the President of Turkmenistan signed the Decree "On improving the efficiency of research in Turkmenistan." All the latest scientific achievements and works of art, in turn, are the results of creative work and are objects of intellectual property.

One of the brightest examples of the country's commitment to innovative deve-

lopment is the “Concept for the Development of the Digital Economy in Turkmenistan for 2019-2025” approved by the Decree of the President of Turkmenistan. This Concept is aimed at developing the national economy through diversification, reaching the level of advanced states in the digitalization of the economy, developing the electronic industry, forming a developed economy based on intellectual capital, business, the latest achievements of information and communication technologies, ensuring the dynamism of an innovative, high-tech, competitive digital economy.

With the development of the digital economy, the formation of an effective intellectual property management system, the creation of modern commercialization mechanisms and methods for protecting it begin to play an increasingly important role. The commercialization of intellectual potential provides the conditions for a highly profitable sector of the economy that uses renewable intellectual resources. The creation of such a system will allow the formation of a full-fledged intellectual property market and adapt legislation to the challenges of the digital economy.

In the modern world, intellectual, creative activity is becoming increasingly important in a wide variety of areas of activity. The knowledge-intensive products and the cost of technological developments are constantly growing. In such circumstances, market success is increasingly based on new knowledge, and the role of intellectual property in economic development is very relevant, as it is one of the strategic development resources of each state. Success in solving assigned tasks depends on the level of the intellectual potential of society and cultural development.

One of the main conditions for ongoing progress is the education of the young generation, the maximum use of the intellectual potential of youth. To build this potential, not only the corresponding human factor, the presence of technical and technological levels of development of intellectual capabilities, but also the formation of the necessary legal prerequisites is needed.

The main goal of legislation in the field of intellectual property is the implementation of constitutional norms and provisions of international conventions in this field. According to Article 15 of the Constitution of Turkmenistan, the state encourages scientific, technical and artistic creativity, the dissemination of its positive results. Article 16 of the Basic Law states that the scientific and technical policy of the state shall be carried out in the interests of society and every person. The state promotes the implementation of the achievements of science and technology. The Program of the President of Turkmenistan for the social and economic development of our country for 2019-2025 identifies priority tasks for the coming years in the field of science, technology and innovative development, the successful solution of which is designed to contribute to enhancing international cooperation in this area.

Article 56 of the Constitution guarantees everyone the right to participate in cultural life, freedom of artistic, scientific and technical creativity. Copyright and human interests in scientific, technical creativity, as well as artistic, literary and cultural activities are protected by law. The state promotes the development of science, culture, art, folk art, sports and tourism. Based on this norm, the state assumes obligations, firstly, to establish and ensure the possibility of realizing the cultural rights and freedoms of man and citizen, and secondly, to protect the interests of the holder of intellectual property rights. An analysis of the content of constitutional norms allows us to conclude that there is a broad approach to the essence of intellectual property, which echoes the provisions of the Universal Declaration of Human Rights and

the International Covenant on Economic, Social and Cultural Rights.

Turkmenistan is a party to major international conventions such as the International Convention Establishing the World Intellectual Property Organization (WIPO), the Convention for the Protection of Literary and Artistic Works or the Berne Convention, the Convention for the Protection of Industrial Property, referred to as the Paris Convention, as well as a member of WIPO.

From the first days of the creation of the National Intellectual Property System in 1993, close cooperation was established between Turkmenistan and WIPO in the field of protection and use of intellectual property. Turkmenistan is actively improving the regulatory framework in the field of intellectual property, implementing international standards in national legislation. The legislation of Turkmenistan on intellectual property, based on the Constitution of Turkmenistan, consists of the norms of the Civil Code of Turkmenistan and special laws, a solid legal framework has been created to facilitate the establishment and development of international contacts. Taking into account international norms and rules, new laws of Turkmenistan "On Trademarks" and "On Appellations of Origin of Goods" were developed. The adoption of these laws on June 8, 2019 was another important step by the state in the field of intellectual property protection.

Thus, the state, the producer of the goods, and the buyer are interested in regulating relations arising in the field of legal protection and use of trademarks and appellations of origin.

A trademark – a way invented by people to isolate their goods from a number of analogues by applying the designation inherent only to it, was in demand at a fairly high stage of development of market relations.

The history of trademarks as a means of individualization has a long history, but it is not possible to pinpoint the date of appearance of the first trademarks. Scientists have proved that approximately 5000 years before our era, mankind begins the massive production and sale of pottery in those days. It was on this ware that the signs appeared that can now be attributed to trademarks. Potters of Amul and the city of Bitik Gala of ancient Farap marked their products with special signs. Handicrafts made by skilled craftsmen of Merv, Sarakhs, Abiverd, Nisa, Shakhrislam, Parava, Dehistan, Kunyaurgench were bought up at the world-famous bazaars of Amul and distributed to all corners of the world.

Having traced the history of the formation of a trademark as a means of individualizing goods and services, it can be concluded that the trademark has performed and is still performing the main function of identifying the manufacturer of the product, distinguishing this product from many others, protects the manufacturer and consumer from fakes.

In connection with the requirements of the time, there is a desire to expand the concept of "use of a trademark". Currently, the full-fledged uses of the trademark are becoming its use in advertising, print media, on signboards, during the demonstration of exhibits at exhibitions and fairs, as well as on the Internet.

Until recently, most trademarks were verbal, graphic, combined designations. However, the high growth rates of market relations due to innovation processes have led to the appearance of new trademarks: three-dimensional (for example, a bottle or perfume bottle), holographic, positional, color designations of goods. In this aspect, it is necessary to note the coded trademark (QR-code), which is a picture in the form of a set of polygons containing in encoded form a word, sentence, a set of letters and numbers or a link to an Internet resource that can easily be recognized by a smartphone, reading the

prisoner in the code information. Also, the QR code is used in the form of payments in places of trade in goods, works and services. For example, a buyer, using a special mobile application and a smartphone, scans an image of a QR code located at a point of sale, enters the payment amount and confirms the selected action. After this operation, the buyer and seller receive an SMS notification about debiting or crediting funds to the account.

The rapid development of the market and modern technology has a significant impact not only on the transformation of manufactured products, but also on the emergence of new types of trademarks. This suggests that the digital economy is characterized by a steady increase in the flow of information, ideas and innovations. There is an instant exchange of virtual goods: e-books, applications, online games, music files, etc. With the development of electronic commerce, the speed of the emergence of new trademarks and other intellectual property objects.

In order to organize, in accordance with world standards, the system of protection of national intellectual property, promote the implementation of science, culture, technology in the development of the state and society, the President of Turkmenistan approved the Program for the Development of the Intellectual Property System in Turkmenistan for 2015-2020. The Program includes a set of measures to establish a national intellectual property system and bring it to the international level, provide legal protection for developments, discoveries and innovations, their widespread introduction in various sectors of the economy. It is also envisaged to create a unified information base of national intellectual property.

The protection of intellectual property is becoming one of the important factors determining the country's position in the world. A reliable level of this protection stimulates scientific research, the development of culture, literature and art, the practical use of the achievements of science and technology and international exchange. The successful implementation of legislation and government programs in the field of intellectual property protection ensures the integrity of effective scientific, educational and innovative activities.

In general, the legislation of Turkmenistan in the field of intellectual property protection is developing dynamically and allows you to: choose the most appropriate form of protection of the results of intellectual and scientific work; receive additional profit from the use of intellectual property, ensure a stable presence of its copyright holders in the domestic and foreign markets; protect intellectual property rights. In the digital economy, intellectual property is becoming a key profit-making tool, where ever new methods for the information promotion of intellectual property objects appear.

## BIBLIOGRAPHY


1. Gurbanguly Berdimuhamedov. Turkmenistan – Heart of the Great Silk Road. II book. -A.: Turkmen State Publishing Service, 2018.
2. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda geçirilen maslahatda eden çykyşy // Newspaper "Türkmenistan". 13 June 2019.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi // Newspaper "Türkmenistan". 26 September 2019.
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. -A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
5. Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2015, № 8, 3765-nji madda.
6. Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2018, № 10-11-12, 929-njy madda.

# TURKMENISTAN – OSCE: PARTNERSHIP IN HUMAN DIMENSION

**Ambassador Natalya DROZD,**
***Head of the OSCE Centre in Ashgabat***

In 2019, the OSCE Centre in Ashgabat celebrated its 20th anniversary. On the occasion of this significant date, in close cooperation with the Government of Turkmenistan, the OSCE Week was organized in April. An international conference dedicated to the Centre's anniversary was held in the framework of the OSCE Week. OSCE Secretary General Thomas Greminger attended the events.

During his visit to Turkmenistan, the OSCE Secretary General met with the President of the country, His Excellency Gurbanguly Berdimuhamedov, as well as the Minister of Foreign Affairs and the Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan. During the meetings, topical issues of cooperation were discussed.

Speaking at the conference, the Secretary General praised the joint activities carried out over 20 years in the framework of all three dimensions of the OSCE's security – military-political, economic-environmental and human.

As you know, three dimensions of security were first identified in the Helsinki Final Act, signed by 35 states in 1975, and were originally called Helsinki "baskets". This document of the Conference on Security and Cooperation in Europe (CSCE) contains a number of key commitments in the military-political and economic-environmental spheres, as well as on human rights.

It should be emphasized that the Helsinki Final Act opened a new page in the history of interstate relations, becoming the first international document that recognized the protection of human rights and fundamental freedoms as an object of international attention along with such traditional principles of interstate law as the principle of non-interference in internal affairs or the principle of respect for territorial integrity.

Thus, the "human (humanitarian) dimension" of the comprehensive security concept was initially central to the CSCE/OSCE agenda. Underlying this approach was the understanding that respect for human rights and security were inextricably linked. Indeed, the observance of human rights and fundamental freedoms, as well as the rule of law and adherence to democratic principles are indispensable conditions for maintaining stability in any country.

After the historical changes of 1989 associated with the fall of the Iron Curtain, the participating States of the Organization developed, on the basis of the Helsinki Final Act, a comprehensive list of norms and standards that pay particular attention to human rights. In 1990, at the CSCE Conference on the Human Dimension in Copenhagen, participating States agreed to take comprehensive commitments for the entire region – a kind of code of laws that serves as a guidline for human rights activities.

The essence of human rights obligations lies in the following principles: res-

pect for human rights and fundamental freedoms occupy a key place in the concept of security; states are responsible to their citizens and other states for the observance of these rights and freedoms.

The events that followed the end of the Cold War necessitated the reform and institutionalization of the CSCE, which existed until 1990 in the form of meetings. The CSCE was called upon to play its role in managing the processes taking place in Europe, which led to the creation of permanent institutions and operational capacity. The Budapest Summit of Heads of State and Government, at which it was decided to rename the CSCE as the Organization for Security and Cooperation in Europe (OSCE), was held in 1994. Today it consists of 57 participating States, including Turkmenistan.

Since the establishment of the OSCE, various bodies have been created, including summits, annual meetings of Foreign Ministers, the weekly Permanent Council in Vienna and other political decision-making and executive structures.

In addition, permanent specialized institutions have been created. They are actively working to support participating States in fulfilling OSCE commitments. The oldest of the institutions is the Office for Democratic Institutions and Human Rights (ODIHR), located in Warsaw since 1991. The ODIHR is actively involved in election observation, democratic development, respect for human rights, the rule of law, tolerance and non-discrimination throughout the OSCE region.

The Hague houses the office of the OSCE High Commissioner for National Minorities, whose task is to identify and resolve, at an early stage, interethnic tensions and conflicts that could develop into a threat to peace and security in the region.

The Office of the OSCE Representative on Freedom of the Media is based in Vienna. Its mandate includes monitoring the media situation and assisting participating States in fulfilling their obligations regarding freedom of expression and freedom of the media.

A special place in the structure of the Organization is occupied by OSCE field missions. They assist their host countries in fulfilling their obligations by implementing projects that meet the needs of their respective countries.

